TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GELJEGIMIZ BOLAN ÝAŞLARYŇ BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAMAKLARY, DÖWREBAP BILIM-TERBIÝE ALMAKLARY, AÝDYM-SAZ, DÖREDIJILIK BILEN MEŞGULLANMAKLARY ÜÇIN EDILÝÄN YZYGIDERLI ALADALARYŇ NETIJESINDE, BU GÜN TÜRKMENISTAN BAGTLY ÇAGALYGYŇ ÝURDUNA ÖWRÜLDI.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

8-nji sentýabr, 2023. Belgisi 36/1550



# WATANYMYZ ASUDA, ILIMIZ PARAHAT

6-njy sentýabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Mejlisiň gün tertibine harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň sekiz aýynda alyp baran işleriniň netijeleri, Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy we asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak hem-de olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler girizildi.

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, Milli goşunymyzyň harby bölümlerinde Watanymyzyň goranmak ukybyny berkitmek, harby gullukçylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak, serkerdeleriň we olaryň maşgala agzalarynyň netijeli gulluk etmegi, göwnejaý ýaşaýyş-durmuşy üçin ähli şertleri döretmek boýunça ýylyň başyndan bäri alnyp barlan toplumlaýyn işler barada hasabat berdi.

Hasabatda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli geçiriljek dabaraly harby ýörişe taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýän işler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, üstünlikli durmuşa geçirilýän, ýurdumyzda parahatçylygyň hem-de asuda durmuşyň ygtybarly kepili hökmünde çykyş edýän Harby doktrinanyň ileri tutulýan wezipelerine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, sanly ulgamy işjeň ornaşdyrmagyň hasabyna Goranmak ministrliginiň we onuň garamagyndaky düzümleriň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň zerurdygy nygtaldy.

Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň nobatdaky senesi mynasybetli geçiriljek dabaraly harby ýörişe ýokary derejede taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Baş prokuror S.Mälikgulyýew şu ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda prokuratura edaralarynyň ulgamyny ösdürmek boýunça degişli maksatnamany durmuşa geçirmek maksady bilen ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, kanunylygy üpjün etmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerini goramak üçin anyk çäreleriň görülmeginiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz kanunlaryň hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň takyk ýerine ýetirilmegine ygtybarly prokuror gözegçiliginiň amala aşyrylmagy boýunça öňde duran wezipeleriň berjaý edilmeginiň wajypdygyna ünsi çekip, Baş prokuraturanyň ýolbaşçysyna birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow garamagyndaky düzümleriň jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, düzgün bozulmalaryň öňüni almak, jenaýatçylyga garşy göreşmek we ýurdumyzyň ähli künjeklerinde ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmek boýunça hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle hem ministrligiň işgärleriniň netijeli gullugy, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagy, düzümleriň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça ýerine ýetirilen işler, hasabat döwründe ulanmaga berlen durmuş maksatly desgalar barada habar berildi.

Şeýle hem IIM-niň ýolbaşçysy, däp bolşy ýaly, sentýabr aýynda geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäklerinde meýilleşdirilen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, öňde goýlan wezipeleri takyk ýerine ýetirmek üçin döwrebap usullary, sanly ulgamy işjeň ulanmagyň wajypdygyny belledi. Ilat arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek hem gaýragoýulmasyz wezipeler bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi. ■ 2

## GARAŞSYZLYK – bagtymyzyň ganaty

Mukaddes Garaşsyzlygyň şanly 32 ýyllygynyň uly zähmet üstünliklerine hem-de toý-dabaralara beslenýän Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň şöhratly täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri kalplara nur çaýyp, ykballary arşa göterýär.



Biz Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk senesini uly üstünlikler bilen garşylaýarys. Bu ýyllar ýurduň belentliklere galýan, halkyň öz asyl gymmatlyklaryna eýe çykýan döwri boldy. Ata Watanymyzyň Garaşsyzlyga eýe bolmagy halkymyzyň jebisligini, jemgyýetimiziň asudalygynyň we ýurdumyzyň berkararlygynyň iň ygtybarly serişdesi bolmak bilen, täze taryhy eýýamyň başlanýandygyny alamatlandyrdy. Bu taryh Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany daşary ýurtlar bilen durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlykda parahatçylyk, ählumumy howpsuzlyk we deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýan döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiligine aýdyňlygy bilen tanatdy. Bu döwürde halkymyzyň bagtyýar durmuşyny, her bir raýatyň halal zähmetiniň hözirini görmegini üpjün etjek ýol-ýörelgelerden ugur alyndy. Garaşsyzlyk ýyllarynda demokratik, hukuk we dünýewi döwletimiziň syýasy hem ykdysady, ruhy binýatlary kemala geldi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň şu günlerinde ildeşlerimiz ýene-de döwletli işlere badalga boljak Halk Maslahatynyň mejlisiniň bosagasynda dur. ■ 2

## GÜÝZLÜK BUGDAÝ EKIŞINE badalga berildi

*6-njy sentýabrda Türkmenistanda güýzlük bugdaý ekişine girişildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ak pata bermegi bilen, bu möhüm oba hojalyk möwsümi ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda birbada badalga aldy.*





Döwlet Baştutanymyzyň 31-nji awgustda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde belleýşi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daýhanlarymyzyň yhlasly zähmet çekip, toprakdan bol hasyl almagy üçin döwletimiz tarapyndan zerur şertler döredilýär. Hormatly Prezidentimiz bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde, guramaçylykly geçirmegiň uly ähmiýetini nygtady.

Halkymyzyň asylly däbine görä, hormatly ýaşulular Beýik Biribardan ak bugdaýyň bol hasylyny dileg edip, ekişe badalga berdiler. Olar göwnejaý taýýarlanylan topraga «Her bir dänäň müň bolsun!» diýen sözler bilen bugdaýyň ilkinji tohumlaryny sepip, soňra nobaty mehanizatorlara berdiler.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, ekerançylarymyz geljek ýylyň bugdaý hasyly üçin niýetlenen oba hojalyk meýdanlaryny öz wagtynda sürüp we gurplandyryp, jogapkärli möwsüme aýratyn yhlas bilen girişdiler. Ekişe azyklyk bugdaýyň ýokary hasylly görnüşleriniň tohumlary taýýarlanyldy. Gallaçy daýhanlar zerur oba hojalyk tehnikalary bilen üpjün edildi.

Oba hojalyk pudagyny ösdürmek döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şol syýasat döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Oba hojalygynda durmuşa geçirilýän özgertmeler milli ykdysadyýetimiziň bu möhüm pudagynyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmaga, azyk howpsuzlygyny berkitmäge we ýurdumyzyň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Oba hojalyk önümlerini öndürijileri döwlet tarapyndan goldamak boýunça durmuşa geçirilýän netijeli çäreler bu ulgamda öňde durýan wezipeleri üstünlikli çözmäge mümkinçilik berýär.

Obasenagat toplumynyň inženerçilik-tehniki üpjünçilik meseleleri innowasion esasda çözülýär, şol sanda satyn alynýan iň täze kysymly tehnikalar, Türkmenistanyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýär. Himiýa senagatynda hem ýokary görkezijiler gazanylýar. Ýurdumyzyň oba hojalyk pudagy mineral dökünler bilen doly üpjün edilýär. ■ 2

## «GARAŞSYZLYGYŇ MERJEN DÄNELERI» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi

*6-njy sentýabrda Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygyna bagyşlanyp, zehinli çagalaryň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» atly aýdym-saz bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşyjylaryň konserti geçirildi.*





Ýurdumyzyň körpe aýdymçylarynyň arasynda geçirilmegi asylly däbe öwrülen döredijilik bäsleşigi Watanymyzyň baş baýramyna bagyşlanan esasy baýramçylyk çäreleriniň toplumyna badalga berdi. Ýaş zehinleriň bu gözden geçirilişi köp ýyllaryň dowamynda jemgyýetimizde uly gyzyklanma eýe boldy. Medeni çäreleriniň baş maksady Watanymyzyň ähli künjegindäki umumybilim berýän we sazçylyk mekdeplerinde, döredijilik merkezlerinde hem-de mekdebe çenli çagalar edaralarynda bilim alýan we terbiýelenýän zehinli çagalary ýüze çykarmakdan, olaryň zehinlerine goldaw bermekden, çeper höwesjeňligi ösdürmekden, milli aýdym-saz medeniýetiniň ýörelgeleriniň dowamatlylygyny berkitmekden, ösüp gelýän ýaş nesli ýokary watançylyk ruhunda terbiýelemekden, olaryň milli sungatymyza söýgüsini artdyrmakdan ybaratdyr.

Ýaş artistleriň iň zehinlileri saýlama tapgyrlary geçip, döwlet tapgyryna gatnaşmaga hukuk aldylar. «Türkmeniň ak öýi» binasynda bäsleşigiň ýeňijileriniň sungat baýramçylygyna öwrülen jemleýji konserti boldy.

Çagalar, döredijilik bäsleşiginiň jemleýji konsertine ýygnananlar hormatly Prezidentimiziň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşigine gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler. Bellenilişi ýaly, sungat äleminiň ýaş ýyldyzlarynyň joşgunly aýdym-sazlary eziz Diýarymyza, mähriban halkymyza, ajaýyp tebigatymyza, milli sungatymyza beýik buýsanjyň hem-de wepalylygyň beýanydyr. «Siziň şirin sazlaryňyz, ajaýyp aýdymlaryňyz täsin gözellik dünýäsidir. Bagtyýar döwrümizi, zähmetsöýer halkymyzy wasp edýän, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik we dost-doganlyk ýörelgelerimizi dabaralandyrýan sungat eserleridir» diýlip, hormatly Prezidentimiziň Gutlagynda nygtalýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde geçirilýän zehinli çagalaryň festiwaly synaglar we başlangyçlar hem-de täze gözlegler üçin ajaýyp meýdança bolup, çagalary öz ukyp-başarnyklaryny görkezmäge ruhlandyrýar. ■ 2

**Baş Assambleýanyň 78-nji sessiýasy açyldy**
5-nji sentýabrda Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasy resmi taýdan açyldy. ■ 4

**DUR, TAÝÝARLAN, ÝÖRE!**
Pyýadalaryň, ulaglaryň, welosipedçileriň hereketini sazlaýan ýolyşyk haçan peýda bolduka?! ■ 5

**Milli ýygyndylaryň duşuşyklary**
Ýewropada we beýleki yklymlarda milli ligalarda ýygyndylaryň duşuşyklary sebäpli geljek hepdäniň anna gününe çenli duşuşyk geçirilmez. ■ 7

**«Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri mälim edildi**
Futbol äleminiň iň abraýly baýraklaryndan hasaplanýan «Altyn top» baýragynyň şu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. ■ 8

# BILIM ULGAMYNDAKY BINÝATLYK ÖZGERTMELER

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli kämilleşdirilýär we pugtalandyrylýar. Ýurdumyzda giňden bellenilen Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli her täze okuw ýylynyň ilkinji gününde täze hem döwrebap bilim ojaklarynyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanylmaga berilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.*





Mälim bolşy ýaly, täze 2023–2024-nji okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli Arkadag şäherinde hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda jemi 13 sany çagalar bagynyň, 19 sany orta mekdebiň we okuw-terbiýeçilik toplumynyň, şeýle hem Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň, Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebiniň, Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebiniň, Şükür bagşy adyndaky Arkadag şäher çagalar sungat mekdebiniň hem-de Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylyş dabaralary boldy.

Täze okuw ýylynda bagtyýar çagalara hormatly Prezidentimiziň adyndan «Bilimli» kompýuterleriň sowgat berilmegi bilim ulgamynda ähmiýetli işleriň durmuşa geçirilýändigini görkezýär. Ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň birnäçesi ÝUNESKO-nyň Assosirlenen mekdepler toruna girizildi. Munuň ykrarnamasy hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko tarapyndan Aşgabat şäherindäki Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň ýanyndaky daşary ýurt dillerini, takyk, tebigy dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 140-njy orta mekdebiň, Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky 19-njy orta mekdebiň, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherindäki tebigy ugurly derslere ýöriteleşdirilen 21-nji orta mekdebiň, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki iňlis dili, himiýa we biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 26-njy orta mekdebiň, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki daşary ýurt diline ýöriteleşdirilen 30-njy orta mekdebiň, Mary welaýatynyň Mary şäherindäki 24-nji zehinli ýaşlar mekdebiniň müdirlerine degişli şahadatnamalaryň gowşurylmagy möhüm ähmiýetli waka boldy.

Ýurdumyzda ýaşlaryň ylymly-bilimli bolup ýetişmekleri, höwes edýän hünärlerini ele almaklary, ylmy-intellektual, medeni, sport we döredijilik taýdan kämilleşmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Ýaş nesle häzirki zaman ülňülerine gabat gelýän umumy orta we ýokary bilimiň berilmegi, sanly bilim ulgamynyň hem innowasion tehnologiýalaryň ösdürilmegi, daşary ýurt dilleriniň okadylyş usullarynyň kämilleşdirilmegi, tebigy we takyk ugurlara degişli dersleriň çuňlaşdyrylyp okadylmagy babatynda ýerine ýetirilýän işler öz oňyn netijelerini berýär.

Ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä ülňülerine, umumy ykrar edilen halkara kadalara we öňdebaryjy tejribelere laýyk kämilleşdirmek, ýaş nesillerimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bilim syýasatynyň baş maksadydyr.

Bilimler we talyp ýaşlar gününde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň düýbüniň tutulmagy baýramçylyk dabarasynyň şatlyk-şowhunyny has-da artdyrdy.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda ýokary hünär bilimi ulgamynyň geriminiň barha giňeýän günlerinde paýtagtymyzyň gözel künjeginiň görküni artdyrjak 5 müň orunlyk bu ýokary okuw mekdebiniň binalar toplumynyň gurluşygy «Ajaýyp gurluşyk» hususy kärhanasy tarapyndan alnyp barlar hem-de 2026-njy ýylyň sentýabr aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak göz öňünde tutulýar.

Şeýle-de, 2023–2024-nji okuw ýylynyň ilkinji gününde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň 5 müň orunlyk döwrebap binalar toplumynyň, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde täze goşmaça okuw binasynyň, umumy ýaşaýyş jaýynyň, sport desgasynyň we aýlawly ýolda monumentiň düýbüniň tutulmagy baýramçylyk çäreleriniň üstüni ýetirdi.

Täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli guralan dabaralara Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymlarydyr talyp ýaşlary hem işjeň gatnaşdylar.

Täze 2023–2024-nji okuw ýylyny dabaraly nyzamlar bilen garşylan bilim edaralarynda geçirilen ilkinji sapaklarda, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary esasynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ajaýyp üstünlikleri baradaky söhbetler ýaş nesillerimiziň kalbyny buýsanja besledi.

**Amantäç AGALYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

# ÝOL HEREKETINIŇ HOWPSUZLYGY – ÖMRÜMIZIŇ RAHATLYGYNYŇ KEPILI

Häzirki Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gözel Diýarymyzyň aýna ýaly ýollary döwrebap durmuşymyzy has-da gözelleşdirýär. Gara ýollarymyz dünýä derejesine laýyk getirilýär hem-de barha giňeldilip, awtoulaglara edilýän hyzmatlar ýokarlandyrylýar. Her ýylyň sentýabr aýynda geçirilmegi asylly däbe öwrülen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly ýol hereket howpsuzlygynyň biraýlygyny guramaçylykly geçirmek täze taryhy döwürde mynasyp dowam etdirilýär. Biraýlygyň dowamynda geçirilýän çäreler ýol hereketine gatnaşýan pyýadalaryň we sürüjileriň ählisiniň hukuk garaýyşlarynyň kämilleşmegine, ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmekdäki hoşniýetli garaýyşlarynyň, ynsanperwer gatnaşyklarynyň has ýokarlanmagyna täsirini ýetirip, adamyň saglygy we howpsuzlygy hakynda döwlet derejesindäki aladany aýdyň görkezýär.



Mary welaýat polisiýa müdirliginiň şahsy düzümleri hem-de Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleri bu biraýlykda welaýatymyzyň obadyr şäherlerinde ýerleşýän orta mekdeplerde, çagalar baglarynda wagyz-nesihat çärelerini alyp barýarlar. Welaýatymyzyň bilim ojaklarynda ýol hereketiniň düzgünlerine degişli ýörite suratlar hem-de ýol belgileri, gündelik durmuşdan şekilli mysallara salgylanmak arkaly geçirilýän çäreler mekdep okuwçylarynyň ýol hereketiniň howpsuzlygy baradaky düşünjeleriniň artmagyna ýardam edýär. Welaýatymyzyň obadyr şäherleriniň köçeleri degişli ýol belgileri, ýol yşyklary, çyzgylar we beýleki enjamlar bilen üpjün edildi. Welaýatymyzda Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleri bu çäreleri jemgyýetçilik guramalarynyň, bilim ulgamynyň wekilleri bilen bilelikde alyp barýarlar.

Jemgyýetimiziň baş baýlygy bolan adam hakyndaky aladany ähli zatdan ileri tutýan hormatly Prezidentimiziň bu ugurda alyp barýan işleri halkymyzyň saglygyny, rahatlygyny kepillendirýär. Her ýyl geçirilmesi däbe öwrülen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk hem Arkadagly Serdarymyzyň şu ugurdaky taýsyz tagallalarynyň miwesidir. «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem halkymyzyň durmuşynyň asudalygy bilen birlikde, ýurdumyzyň arassa, ýagty, dünýäniň iň kämil enjamlary ornaşdyrylan ýollarynda sazlaşykly işleriň ýola goýulmagyny üpjün edýär.

Şeýlelikde, ýol hereket howpsuzlygynyň biraýlygynda geçirilýän wagyz-nesihat we öwüt-ündew çäreleri ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda, ömrümiziň rahatlygyny üpjün etmekde uly ähmiýete eýedir. Halkymyzyň asudalygy ugrunda uly işleri durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Myrat MUHAMMEDOW,**
*Mary welaýatynyň Baýramaly etrap polisiýa bölüminiň ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak bölümçesiniň müdiri, polisiýanyň maýory.*

# SUWY ŞYPALY ARÇMAN ATA

*2-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyndaky «Arçman» şypahanasynda boldy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde dynç alýanlar we saglygyny berkidýänler üçin döredilen şertler bilen gyzyklandy. Şeýle-de, bu ýerde gurulmagy meýilleşdirilýän we durky täzelenýän binalaryň taslamalary, şypahananyň bejeriş düzümini kämilleşdirmegiň mümkinçilikleri bilen tanyşdy.*

Her bir raýatyň saglygyny goramak we pugtalandyrmak, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden ornaşdyrmak ugrunda ýurdumyzda köpugurly işler durmuşa geçirilýär. Şypahana ulgamy ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň möhüm bölegine öwrülip, ýurdumyzyň welaýatlaryndaky döwrebap şypahanalarda keselleriň öňüni almagyň we bejermegiň däbe öwrülen usullary, şeýle hem ýokary netijeliligini subut eden innowasion lukmançylyk tehnologiýalary täsin tebigy we howa şertleri bilen utgaşdyrylýar. Döwletiň we jemgyýetiň baş baýlygy hasaplanylýan adam hakynda alada döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen amala aşyrylýan ähli özgertmeleriň, giň gerimli maksatnamalaryň we taslamalaryň esasyny düzýär. Şonuň üçin ýurdumyzda, esasan hem, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda döwrebap desgalaryň gurluşygyna uly orun berilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň asylly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmegi netijesinde dynç aljak raýatlara ýurdumyzyň dürli künjeginde saglygyny berkitmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Ýurdumyzyň ähli ýerlerinde häzirki zaman tehnologik enjamlary bilen üpjün edilen saglyk öýleri, hassahanalar, şypahanalar, çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri gurulýar. Bu döredilen şertler geljek nesliň sagdyn ösmegine we kemala gelmegine, saglygyny gorap saklamaga, wagtyny peýdaly we şadyýan geçirmäge giň mümkinçilikler döredýär.

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda halkymyzyň saglygyny dikeltmekde şypahanalar saglygy goraýyş ulgamynyň möhüm pudaklarynyň biri bolup hyzmat edýär. Gahryman Arkadagymyzyň şypahana ulgamynyň ösüşine bagyşlanan «Türkmenistan – melhemler mekany» atly kitabynda eziz Diýarymyzyň halkara derejeli şypahanalar merkezi hökmündäki ägirt uly mümkinçilikleri we geljekki ugurlary beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu kitabynda mineral suwlaryň, bejeriş häsiýetli palçyklaryň, howanyň, şypahana bejerişiniň dürli ugurlarynyň adam bedenine täsiri, şeýle hem onda ýurdumyzyň şypahanalary, welaýatlaryň tebigy aýratynlyklary, goraghanalar we ägirt uly bejeriş ukyby bolan dürli serişdeler barada giňişleýin maglumatlar berilýär.





Milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda zähmet çekýän bagtyýar raýatlarymyz zähmet rugsady döwründe, hormatly dynç alyşdaky ýaşuly nesilleriň göwün islegine görä, ýylyň tutuş dowamynda dynç almaga we saglygyny dikeltmäge ähli mümkinçilik bar. Eziz Diýarymyzyň ajaýyp künjeklerindäki, bejeriş mineral suwlary bolan çeşmeleriň ýanyndaky şypahanalarda dynç almaga we saglygyny dikeltmäge isleg bildirýänler barha köpelýär. Şypahanalarda bejerginiň we hyzmatlaryň ýokary derejesi şypahanalaryň hemişe köp adamly bolmagyna şert döredýär. Türkmenistanda döredilýän düýbünden täze sanatoriýa-şypahana bejeriş we sagaldyş ulgamy ilatyň saglygyny netijeli berkitmegiň umumy düzüminiň bir bölegi bolup, ýurdumyzyň we daşary döwletleriň tejribesinden iň gowularyny öz içine alýar. Türkmen şypahanalary bejeriş we sagaldyş işlerini guramak nukdaýnazaryndan bu gün dünýä derejesine çykýar, şol sanda lukmançylyk hyzmatlarynyň, ýurdumyzyň melhemlik serişdeleriniň eksport gymmatyny artdyrýar. Türkmen topragy gudratly ýerlere, şypaly köllere, melhemli mekanlara baý ülke. Şol ülkeleriň biri hem häzirki wagtda ýurdumyzyň ady belli şypahanalary özüniň tebigy aýratynlyklary bilen daşary ýurtlularyň arasynda hem uly meşhurlyga eýedir. Biziň türkmen topragymyz şypaly köllere, melhem mekanlara baý ýurtdur. Özüniň tebigy aýratynlygy bilen dürli dertlere melhem bolup bilýän şypahanalaryň biri bolan Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň çäginde, gojaman Köpetdagyň «Degirmendag» diýen ýeriniň eteginde deňiz derejesinden 157 metr belentlikde ýerleşen, özüniň melhemlik suwy bilen tanalýan «Arçman» şypahanasydyr. Türkmenistanyň çäklerinden alyslarda hem tanalýan «Arçman» şypahanasy Köpetdagyň gözel künjeginde ýerleşip, jana şypaly suwy bilen köp wagtdan bäri bellidir. Şypahananyň özi ýüz ýyldan gowrak mundan öň esaslandyrylyp, ol ýerli ilatyň, ýakyn we alys ýurtlardan gelýän myhmanlaryň arasynda uly meşhurlyga eýedir. Arçmanyň şypaly suwy himiki düzümi boýunça kükürtli-hlorly-gidrokarbonatly, natrili-kalsili-magnili, gowşak aşgarlanan suwlar toparyna degişlidir. Şypaly suwy içmek, suwa düşmek, içegeleri ýuwmak arkaly bejerginiň dürli usullary ulanylýar. Ol beden agzalarynyň işjeňligini kadalaşdyrýar. Şypahana deri kesellerinden, iýmit siňdiriş, ýürek-damar we nerw ulgamy, öt çykaryjy ýollary we daýanç-hereket ediş ulgamlarynyň kesellerinden ejir çekýän adamlary bejermäge ýöriteleşdirilipdir. Şypahananyň dermanlyk suwy esasy bejeriş şerti bolup, onuň düzüminde himiki elementleriň 24-si kesgitlenen. Suwdaky kükürt wodorodynyň derejesi ony bejeriş hem-de agyz suwlarynyň hataryna degişli etmäge mümkinçilik berýär. Arçmanyň pes aşgarly ýyly mineral suwunyň artykmaçlygy ony içmek üçin, şeýle hem suw bilen bejermek kadalaryny geçirmek üçin ulanyp bolýanlygyndan ybaratdyr. Suwdan başga-da, bu ýeriň jana şypaly howasy bar. Köpetdagyň demirgazyk eteginde ýerleşen şypahananyň düzüminde dynç alýanlar üçin köp gatly binalaryň birnäçesi bar. Bu ýerde maslahat beriş-anyklaýyş, bejeriş we suw bilen bejermek üçin ähli şertler döredilen. Häzirki wagtda «Arçman» şypahanasy bir wagtda 920 adamy kabul edýär. Şypahananyň bölümleri, ýöriteleşdirilen otaglary, saglygy dikeltmäge, pugtalandyrmaga, dynç almaga bolan amatly şertleri hakynda näçe aýtsaň hem az. Esasy zat, ol ýerde adamlaryň arassa dag howasyndan dem alyp, dynç alýandygynda we ýokary derejede guralan lukmançylyk hyzmatlaryndan peýdalanýanlygynda. Arçmanyň çägindäki ýer bölekleriniň we töwereginiň hemişe gök öwsüp oturan arça tokaýlygyna we beýleki saýaly agaçlara baý bolup, töweregiň rahatlygy, arassalygy biygtyýar özüne bendi edýär. Arassa howa, fiziki işjeňlik, derman otlardan, melhemlik çaýlardan peýdalanmak hem bu ýerde keselleri bejermegiň iň işjeň usullarynyň biri hasaplanýar. Şypahananyň günorta-günçykaryndan dagyň depesine garşy uzalyp gidýän Saglyk ýolunyň mydama köp adamlydygy we dynç almaga barýan adamlaryň saglyk ýolyndan ýöräp gezelenç edýändigini bellemek gerek. Saglyk ýoly ýerastyndan çogup çykýan Arçman çeşmesiniň gözbaşyna örän golaýdyr. Çeşmeden çykýan suwuň düzümindäki mikroelementleriň hoştap bugy adamyň nerw ulgamyna rahatlyk berýär, şähdini açýar we gan basyşyny kadalaşdyrýar. Tebigy keramaty bilen ýylyň-ýylyna müňlerçe adamyň saglygyny dikeldýän we ýokary derejede dynç almagyny üpjün edýän «Arçman» şypahanasynyň derman suwundan halkymyz indi ençeme ýyllardan bäri peýdalanyp gelýär. Raýatlaryň saglygy, sagdynlygy üçin ýola goýlan şeýle işler, döredilýän mümkinçilikler sanardan kän. Bularyň ählisi türkmen halkynyň sagdynlygy we bagtyýarlygy üçin ýaýbaňlandyrylýan beýik taglymatynyň miweleridir. Ýurdumyzda adamlaryň saglygy we dynç almagy üçin degişli şertleri döredip, ilatyň saglygyny goramak baradaky aladany ilkinji nobatda goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, işleri rowaç bolsun!

**Hurmagül ANNAGURBANOWA,**
*Bäherden etrap bedenterbiýe we sport bölüminiň Kärdeşler Arkalaşygynyň başlygy, tälimçi-mugallym.*

# Ýurdumyzyň geljegi ýaşlar bilendir

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 1-nji sentýabrynda ýurdumyzda Bilimler we talyp ýaşlar güni dabaraly ýagdaýda bellenildi. Güýz paslynyň ilkinji gününde Türkmenistan döwletimiziň ähli okuw mekdeplerinde täze – 2023-2024-nji okuw ýylynyň başlanýandygyny buşlaýan ilkinji jaň ýaňlandy. Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli orta mekdeplerde, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde dabaraly çäreler geçirildi. Hususan-da, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde bilim ulgamyna degişli binalardyr desgalaryň onlarçasy açylyp ulanmaga berildi, ençemesiniň düýbi tutuldy.

Bilimler we talyp ýaşlar gününde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň düýbüniň tutulmagy baýramçylyk dabarasynyň şatlyk-şowhunyny has-da artdyrdy.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda ýokary hünär bilimi ulgamynyň geriminiň barha giňeýän günlerinde paýtagtymyzyň görküni artdyrjak 5 müň orunlyk bu ýokary okuw mekdebiniň binalar toplumyny 2026-njy ýylyň sentýabr aýynda ulanmaga doly taýýar edip tab-



şyrmak göz öňünde tutulýar.

Bilimler we talyp ýaşlar gününde türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde umumy sapak geçmegi türkmen ýaşlarynyň buýsançly başyny has-da belende göterip, toý şatlygyny goşalandyran waka öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň taryhy we ýaş nesliň borçlary baradaky umumy sapakda: «Biziň geljegimiz ýaşlar bilendir. Ýaşlarymyz taryhy ösüşiň, döwlet syýasatynyň häzirki zaman meýillerini we möhüm ugurlaryny, binýat goýujy taglymlaryny özleşdirmelidirler» diýip bellemegi ýaşlara bildirilýän beýik ynamyň dabaralanmasy boldy.

Gahryman Arkadagymyzyň watançylyk sapagynda eden çykyşyndaky pikirdir maslahatlary, ündewleri ýurdumyzy ýakyn geljekde has-da belent sepgitlere ýetirmekde öňde durýan wezipeleriň möhüm ugurlaryny kesgitläp, öňe gitmekde biziň baş ýol-ýörelgämize, durmuş mekdebimize öwrüler. Olary işjeň durmuşa geçirmekde alym Arkadagymyzyň atalyk kitaplary, şol sanda «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitaby bilim ulgamynyň işgärleri üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatly gollanmadyr. Olarda ýaşlara berilýän bilimiň hem-de terbiýäniň hilini gowulandyrmak, terbiýe babatda halkymyzyň asylly ýörelgeleri barada giňişleýin gürrüň berilýär.

Ýurdumyzda bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, ösüp gelýän ýaş nesle berilýän bilimiň mazmunynyň, hiliniň iň öňdebaryjy halkara talaplara laýyk gelmegini gazanmak boýunça Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň gymmatly tabşyryklaryny hem-de görkezmelerini durmuşa geçirmek baş maksadymyz bolmalydyr.

Bilim we ýaşlar meseleleri hakyndaky döwlet we halkara derejede alnyp barylýan işler, öňe sürülýän oňyn başlangyçlar biz ýaşlaryň hemmetaraplaýyn kämil şahsyýetler bolup ýetişmegimizi nazarlaýar. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň hukuk esasyny pugtalandyrmak, ýaşlaryň köpugurly mümkinçiliklerini has doly peýdalanmak maksady bilen, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň işlenip taýýarlanylandygyny hem-de rejelenen görnüşde kabul edilendigini bellemek gerek.

**Hajarbibi AŞYROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Güýzde möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin maslahatlar

Häzirki wagtda güýz paslynyň gelmegi bilen, günüň dowamynda howanyň derejesiniň üýtgeýändigini nazara alyp, güýz paslynda döräp biläýjek möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin pasla görä geýinmegi, Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary içmegi, şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmegi, burnuň nemli bardasyna «Oksolin» melhemini çalmagy, witaminlere baý gök önümleri we milli tagamlarymyzy iýmegi, şeýle hem maşgala lukmanlary bilen maslahatlaşyp keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny almagyňyzy maslahat berýäris. Bu düzgünleri berk berjaý etseňiz güýz paslynda döräp biläýjek möwsümleýin kesellerden goranyp bilersiňiz.



***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde



► **Aýy bilelikde öwrenerler.** Hindistan we Ýaponiýa Aýda bilelikdäki «Lunar Polar Exploration Mission» (LUPEX) missiýasyny işjeňleşdirmekçi. Taslamanyň çäklerinde Deli we Tokio Aýyň günorta polýusynyň sebitine rower bilen düşüriji enjam ibermegi meýilleşdirýär. Bu enjam Aýyň üstünde suw buzlarynyň gözlegleri bilen meşgullanar.



► **Okuwçylara welosiped berildi.** Polşanyň Şprotawa şäherinde birinji synp okuwçylarynyň hemmesine okuw ýylynyň başynda welosiped sowgat berildi. Şeýlelik bilen, şäher häkimligi mekdep okuwçylarynyň entek kiçilikden ekologiýa taýdan arassa ulagy ulanmaklaryny höweslendirmegi maksat edinýär.



► **Ýolbelet robot döretdiler.** Şweýsariýanyň tehnologik institutynyň alymlary robot iti köpçülige görkezdi. Demir it görşi pes adamlara gündelik durmuşda kömek etmek üçin döredildi. Ol ýüpde gezýär, päsgelçiliklerden sowlup geçmegi başarýar hem-de geçmesi kyn ýerlerde öz hojaýynyna ýardam edýär.



► **Aýyň üstüne gondurmakçy.** Hytaýda taýkonawtlary Aýyň üstüne gondurmak missiýasyna taýýarlyk görmek maksatnamasyny amala aşyrmaga girişildi. Taslamanyň çäginde barlag we gurluşyk işleri alnyp barlyp, 2030-njy ýyla çenli Hytaýyň ilkinji wekilini Aýa gondurmak meýilleşdirilýär.



► **Günden goraýjy äýnekler öndürildi.** «Pangea» kompaniýasy ummandaky zyňyndylardan ýasalan ekologiýa taýdan arassa «OceanGuard» atly Gün şöhlesinden goraýjy äýneklerini tanyşdyrdy. Şeýlelik bilen, höwesjeňler Ýeri köp sanly galyndylardan arassalamagy maksat edinýärler.



► **Meteorit gaçdy.** 2-nji sentýabrda Türkiýäniň günorta-gündogarynda meteorit gaçdy, onuň ýanýan bölekleri ýurduň birnäçe welaýatynda göründi. Meteoritiň ýere gaçyşyna Malatýanyň, Erzurumyň, Elýazygyň we Gaziantepiň ýaşaýjylary şaýat boldular.



► **«Xiaomi»-niň robot iti.** «Xiaomi» korporasiýasy «CyberDog» robotlarynyň ikinji nesli bilen tanyşdyrdy. Täze robot it has çeýe hereketleri bilen tapawutlanyp, eýesini hem tanaýar. «CyberDog 2»-niň agramy 8,9 kilograma, boýy 36,7 santimetre deň. Onuň dizaýny hem üýtgedilip, indi hakyky ite meňzeýär.



► **Janly-jandaryň iň köp ýaşaýan ýeri.** Şweýsariýanyň Oba hojalyk boýunça federal edarasynyň alymlary Zeminde janly ýaşaýşyň iň köp jemlenen ýeriniň toprakdygyny kesgitlediler. Toprakda planetadaky ähli janly organizmleriň 59 göterime golaýy ýaşaýar.



► **Zenanlar üçin eplenýän smartfon.** Berlinde geçirilen «IFA 2023» sergisinde «Honor» kompaniýasy eplenýän täze «Magic V Purse» smartfonyny hödürledi. Bu smartfon zenanlar üçin niýetlenendir. «Magic V Purse» täze konsepsiýa bolup, eplenýän smartfon çaklaňja torba öwrülýär.

► **Itler üçin telewizor.** Koreýa Respublikasynyň «Sunny Wave Tech» startapy itler üçin telewizor hödürledi. Öndüriji «Dogsplay» displeýiniň itlere kino görmek we aýdym diňlemek üçin niýetlenen dünýädäki ilkinji enjam boljakdygyny mälim etdi. Kompaniýa enjamy 2023-nji ýylyň noýabr aýynda köpçülikleýin satuwa çykarmagy meýilleşdirýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ **ABŞ-nyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Garward uniwersiteti 1636-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda Massaçusets ştatynyň Kembrij şäherinde esaslandyrylýar. Bu uniwersitet ABŞ-nyň iň köne hususy ýokary okuw mekdebidir. 1639-njy ýylda bu kolleje haýyr-sahawatçy Jon Garwardyň (1607-1638) ady dakylýar.**



# PREZIDENT SAÝLAWLARYNDA ÝEŇIŞ GAZANDY

1-nji sentýabrda Singapurda geçirilen Prezident saýlawlarynda öňki ýokary derejeli ministr we Premýer-ministriň öňki orunbasary Tarman Şanmugaratnam ýeňiş gazandy. Singapuryň saýlaw topary tarapyndan mälim edilen jemleýji netijede Şanmugaratnamyň 70,4% ses alyp, ýeňiş gazanandygy bellenilýär. Bäsdeşleri Ng Kok Song we Tan Kin Lian degişlilikde, 15,72% we 13,88% sese eýe boldular.

– Singapurlylar aýgytly ses bermek arkaly indiki Prezident hökmünde jenap Tarman Şanmugaratnamy saýladylar. Biziň hökümetimiz onuň bilen doly hyzmatdaşlyk etmekçi, jenap Tarmanyň özi hem hökümet bilen ýakyndan işleşmek isleýändigini mälim etdi. Ol tejribesini we garaşsyz pikirlerini ulanyp, Konstitusiýa laýyklykda, öz borçlaryny ýerine ýetirmek hukugyndan paýhasly peýdalanar – diýip, Singapuryň Premýer-ministri Li Sýanlun ýeňijini gutlady.

Şanmugaratnam tarapdarlarynyň goldawyna hoşallygyny bildirip:

– Maňa beren sesiňiz Singapura bolan ynamly sesiňizdir. Bu meni has-da ruhlandyryp, biziň bilelikde ösüş gazanyp biljekdigimizi görkezýär – diýdi.

Singapur parlament Respublikasy bolup, hakyky güýç Premýer-ministriň ygtyýarynda. Prezident Baş kazy, Baş prokuror, Döwlet gullugy komissiýasynyň başlygy we agzalary, goranmak ministri



we polisiýanyň komissary ýaly möhüm wezipelere bellenmegi tassyklaýar. Şeýle hem, Prezidentiň maliýe boýunça kanun taslamalaryna weto goýmaga hukugy bar. Mundan başga-da, Prezident günä geçişlikleri yglan edýär, korrupsiýa garşy göreş çärelerine gatnaşýar, içerki howpsuzlyk we dini meseleler boýunça zerur kararlary kabul edýär.

# BAŞ ASSAMBLEÝANYŇ 78-nji SESSIÝASY AÇYLDY

5-nji sentýabrda Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasy resmi taýdan açyldy. Çäreleriň iň ýokary derejesi 19-25-nji sentýabr aralygynda bolup, dünýäniň dürli künjeklerinden geljek ýolbaşçylary we daşary işler ministrlerini bir ýere jemlejek ýokary derejeli hepde bolar. Şol döwürde ýolbaşçylar halkara ýagdaýy baradaky düşünjelerini we global kynçylyklara garşy göreş çärelerini hödürlärler. Adatça, bir ýyl dowam etjek sessiýanyň gün tertibinde esasy halkara meseleleri, howanyň üýtgemegi, durnukly ösüş, ösýän ýurtlaryň bergi meselesini ýeňip geçmegi ýaly meseleler bar. 78-nji sessiýanyň açylyşynda onuň başlygy Trinidad we Tobago Respublikasynyň diplomaty Dennis Fransis kasam kabul edip, öz borçlaryny adalatly ýerine ýetirjekdigini aýtdy.

– Biz Baş Assambleýanyň 78-nji mejlisini yzygiderli kynçylyklar bilen gurşalan çylşyrymly global gün tertibi bilen başlaýarys. Sessiýanyň bu kynçylyklara netijeli jogap bermegi üçin dört sany möhüm meseläni kesgitledim. Bu parahatçylyk, abadançylyk, ösüş we durnuklylyk – diýip, Dennis Fransis belledi.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýokary derejeli hepdesi 19-njy sentýabrda açylar. Ýokary derejeli hepdä çenli Baş Assambleýanyň mejlisleri gün tertibini tassyklamak we komitet döretmek ýaly tehniki meseleler boýunça dowam eder. Däp boýunça, ýo-



kary derejeli hepde Braziliýanyň Prezidenti Luis Inasiu Lula da Silwanyň çykyşy bilen açylar. Ondan soň ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden söz sözlär. Baýden şu ýyl BMG-niň Baş Assambleýasyna gatnaşjak «Uly başligiň» ýeke-täk Liderleriniň biri bolar. Şeýle hem şu ýyl Russiýanyň, Beýik Britaniýanyň, Hytaýyň we Fransiýanyň liderleri Nýu-Ýorka barmagy meýilleşdirmeýärler.

# Raýatlygy almagy ýönekeýleşdirmekçi

**Germaniýanyň Hökümeti parlament tarapyndan tassyklanan halatynda, Germaniýanyň raýatlygyny almagy aňsatlaşdyrjak kanun taslamasyny kabul eder. Bu kanun taslamasyny Bundestagda kanuny taýdan güýje girizmek üçin ses berişligiň senesi entek kesgitlenmedi.**

**– Bu reforma häzirki zaman migrasiýa kanunyny döretmäge kömek eder – diýip, Germaniýanyň içeri işler ministri Nensi Fezer belledi. Ol muny häzirki hökümetiň «iň möhüm taslamalarynyň biri» diýip atlandyrdy. – Ýurduň ykdysadyýetiniň gyssagly tertipde bu reforma zerurlygy bar – diýip, ministr sözüniň üstüne goşdy.**

**Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasyndan, «ýaşyllardan» we Erkin demokratik partiýasyndan düzülen häkimiýet başyndaky üç partiýa kanun taslamasyny maý aýynyň ortalarynda ara alyp maslahatlaşyp, ony parlamente hödürlemek üçin resmi taýdan tassykladylar. Bu eýýäm birnäçe ýyl bäri ýurtda ýaşan, işlän we salgyt tölän adamlaryň hemmesiniň ýönekeýleşdirilen görnüşde Germaniýanyň raýaty bolup biljekdigini aňladýar.**

**Şeýlelikde, sekiz ýylyň ýerine, Germaniýada bäş ýyl ýaşandan soň raýatlyk almak mümkin bolar we «aýratyn integrasiýa üstünlikleri» ýagdaýynda üç ýyldan soň hem mümkin bolar. Mundan başga-da, raýatlyk almak üçin ýüz tutanlar, gelen ýurdunyň pasportyndan ýüz öwürmeli bolmazlar. Ozalky düzgünler bolsa, şu wagta çenli ilkinji raýatlykdan ýüz öwürmegi talap edýärdi.**



**Germaniýanyň Ykdysady barlaglar institutynyň habaryna görä, 2022-nji ýylda täjirçilik guramalary 630 müň boş iş orny üçin ökde hünärmen tapyp bilmedi. 2021-nji ýylda bu görkeziji 280 müňe deň boldy. Bilermenleriň pikiriçe, Germaniýa daşary ýurtly işçi güýjüni çekmek meselesiniň üstünde işlemese, ýene-de 12 ýyldan ykdysadyýetinde 7 million işçi güýji ýetmezçilik eder.**

# ASEAN-yň sammiti geçirildi

5-7-nji sentýabr aralygynda Indoneziýanyň paýtagty Jakartada Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň birleşiginiň (ASEAN) sammiti geçirildi. Indoneziýanyň Prezidenti Joko Widodo forumyň açylyş dabarasynda çykyş edip, guramanyň agzybirligini we deňligini saklamagyň möhümdigini aýtdy.

– Biziň birleşigimiz diňe bir sebitimiz üçin däl, eýsem, bütin dünýäde hyzmatdaşlygy ýola goýmak, abadançylyk, durnuklylyk we parahatçylyk döretmek üçin esas bolmalydyr – diýip, Joko Widoda belledi. Ol sözüniň dowamynda guramanyň agza ýurtlarynyň sebitde we tutuş dünýäde umumy meseleleri çözmek üçin tagallalaryny birleşdirmelidigini, şeýle hem durnuklylygy we abadançylygy goramak üçin işlemelidigini aýtdy.

Indoneziýanyň paýtagtynda döwlet we hökümet ýolbaşçylary integrasiýa we käbir ugurlardaky hyzmatdaşlygy giňeltmek, şeýle hem sebit we dünýäniň käbir ýurtlarynda bolup geçýän çökgünlikler barada pikir alyşdylar. Şeýle-de, taraplar bileleşigiň geljegi bilen baglanyşykly birnäçe möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Maslahata Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýan, Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisida, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýol, Kanadanyň Premýer-ministri Jastin Trýudo, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş we beýlekiler gatnaşdylar.

1967-nji ýylda döredilen Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň birleşigi (ASEAN) Günorta-




Gündogar Aziýada ýerleşýän 10 ýurduň sebitleýin döwletara syýasy, ykdysady we medeni guramasydyr. Bu guramanyň düzümine Indoneziýa, Malaýziýa, Singapur, Tailand, Filippinler, Bruneý-Darussalam, Wýetnam, Laos, Mýanma, Kamboja ýaly döwletler girýär. ASEAN-a agza ýurtlaryň ilaty 500 million adama deň bolup, jemi içerki önümi 3 trillion dollara barabardyr. ASEAN-yň iň ýokary organy döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň sammiti bolup, ýylda iki sapar geçirilýär.

# «Bir guşak, bir ýol» forumy geçiriler



Hytaýyň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Wan Wenbin «Bir guşak, bir ýol» üçünji halkara forumynyň oktýabr aýynda Pekinde geçiriljekdigini habar berdi.

– Hytaý şu ýylyň oktýabr aýynda Pekinde «Bir guşak, bir ýol» üçünji halkara hyzmatdaşlygy forumyny geçirer – diýip, diplomat žurnalistler bilen bolan duşuşykda belledi.

Wan Wenbin Hytaýyň sammite taýýarlyk meseleleri boýunça ähli taraplar bilen aragatnaşyk saklaýandygyny we degişli maglumatlary öz wagtynda çap etjekdigini aýtdy.

Ondan öň Russiýanyň Prezidentiniň halkara gatnaşyklar boýunça kömekçisi Ýuriý Uşakow Wladimir Putiniň bu foruma çakylyk alandygyny, maslahatyň geçiriljek oktýabr aýynda onuň Hytaýa sapar etmek niýetiniň bardygyny aýtdy.

«Bir guşak, bir ýol» Merkezi Aziýanyň, Ýewropanyň we Afrikanyň 60-dan gowrak ýurduny birleşdirýän täze söwda we ulag geçelgesini döretmek, şeýle hem bar bolanlaryny kämilleşdirmek boýunça Hytaýyň halkara başlangyjy bolup, Hytaý bilen söwda gatnaşyklarynyň ösmegine itergi berýär.

# Barselona öňdeligi eýeledi

«International Workplace Group» (IWG) maslahat beriş kompaniýasy tarapyndan taýýarlanan işlemek we dynç almak üçin iň gowy şäherleriň sanawynda Barselona birinji orunda durýar. Sanawda jemi 26 şäher bar. Sanawyň ilkinji bäşliginde Toronto, Pekin, Milan we Nýu-Ýork orun aldy.

– Kategoriýalar daşary ýurtda işlemek üçin iň oňaýly şertlere esaslanyp saýlandy – diýip, IWG-niň müdiri Darren Rojer aýtdy.



Bu şäherlere, esasan, howasy, medeni durmuşynyň baýlygy, ýaşaýyş jaýlarynyň elýeterliligi (kärendesine almagyň ortaça bahasy), ulag (aýlyk ulag peteginiň bahasy), iýmit önümleriniň bahasy, internetiň tizligi, bagtlylyk derejesi, gibrid iş ýerleriň bolmagy ýaly ölçeglere salgylanyp baha berildi.

Barselonada jaýy kärendesine almagyň ortaça bahasy aýda 1158 dollar. Deňeşdirmek üçin: Nýu-Ýorkda jaýyň aýlyk kärende tölegi ortaça 3 müň 632 dollar. Barselonada bir çaşka kofe 2,68 dollar bolsa, Los-Anjelesde 4,92 dollar, Pekinde 4,57 dollar.

«International Workplace Group»-yň bilermenleri ýurtda gibrid düzgünde işleýän hünärmenleriň işleri bilen gyzyklananda olaryň uzak aralykdan işlemäge hem, ofisde oturyp işlemäge hem mümkinçilikleriniň bardygyny aýdyňlaşdyrdy. Barlaglaryň netijelerine görä, pikir soraşma gatnaşanlaryň 57%-i daşary ýurda syýahat etmegi we işlemegi ileri tutýar. IWG-niň hünärmenleri uzakdan işlemek isleýänler üçin internet tizliginiň kesgitleýji faktorlaryň biri bolup durýandygyny bellediler.

# Dubaýyň howa menzilleri giňeldiler

**Häzirki wagtda Dubaýda amala aşyrylýan iň uly taslamalaryň biri şäherdäki iki howa menziliniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly. Dubaýyň halkara howa menzili (DXB) dünýäniň iň gelim-gidimli halkara merkezi hasaplanýar. «Howa menzilini täzeden gurmak meýilnamalaryna laýyklykda, 15 ýylyň içinde ýolagçy sany ýylda 120 million adama ýeter» diýip, «One Mile at a Time» web saýty habar berýär.**

**1,5 milliarddan 2 milliard ýewro çenli pul serişdeleri goýberilen howa menziliniň abatlaýyş işlerinden soň goşmaça garaşylýan zallar, bellige alyş otaglary, oturgyçlar, şeýle hem täze howpsuzlyk skanerleri peýda bolar. Mundan başga-da, her terminalda restoran we dükan açylar.**

**Şol bir wagtyň özünde, daşky gurşawy goraýjylar howa menziliniň giňeldilmeginiň daşky gurşawa ýetirýän täsiriniň gaty uly boljakdygyny belleýärler. 2019-njy ýylda Dubaýyň Halkara howa menzili howa 16,65 million tonna kömürturşy gazyny goýberdi. Bu dünýädäki ähli howa menzilleriniň arasynda iň ýokary görkezijidir.**

**Bu howa menziliniň hyzmat ediş mümkinçiligi iň ýokary kuwwatyna ýetensoň, Dubaýyň ikinji howa menzili bolan Al-Maktum adyndaky Halkara howa menzilini dünýäniň iň uly howa menziline öwürmek meýilleşdirilýär. Maglumatlara görä, taslamanyň birinji tapgyrynda howa menziliniň meýdany 56 inedördül kilometre çenli giňeldilip, hyzmat ediş mümkinçiligi ýylda 130 million ýolagça ýetiriler. Taslamanyň awtorlarynyň pikirine görä, bu ýerde döredilen mümkinçilikler howa, gury ýer we deňiz giňişligini birleşdirýän iň uly multimodal ulag infrastrukturasyny emele getirer. Häzirki wagtda Al-Maktum adyndaky howa menzili ýylda 1,6 million töweregi ýolagçy kabul edýär, ýöne 15 ýylyň dowamynda bu görkeziji 250 milliondan gowrak adama ýetip biler.**



# IÇERKI SYÝAHATÇYLYK GIRDEJISI ARTÝAR

2023-nji ýylyň birinji çärýeginde Saud Arabystanynyň içerki syýahatçylyk girdejisi 225% ösüş gazandy. Bu barada ýurduň Syýahatçylyk ministrligi habar berdi. Maglumata görä, Saud Arabystanynyň Merkezi bankynyň maglumatlary, hasabat döwründe ýurduň içerki syýahatçylykdan alýan umumy girdejisiniň 37 milliard saud rialyna (takmynan, 9,87 milliard dollar) ýetendigini görkezýär.

Saud Arabystanynyň töleg balansyndaky «syýahatçylyk» bölümi birinji çärýekde 22,8 milliard rialyň profisitini hasaba alan bolsa, geçen ýylyň degişli döwründe, 1,6 milliard rial defisiti hasaba



alypdyr. Bu döwürde Patyşalyga 7,8 million töweregi syýahatçy geldi, bu bolsa ýurduň taryhynda iň gowy çärýek görkezijisi boldy. 2019-njy ýyldaky pandemiýadan öňki degişli döwür bilen deňeşdirilende, syýahatçylaryň sany 64% artdy.

Mundan başga-da, Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy tarapyndan şu ýylyň maý aýynda ýaýradylan maglumatlara görä, Saud Arabystanynyň syýahatçylyk pudagyndaky gazanan ýokary görkezijileri oňa halkara syýahatçylarynyň sanynyň artyşy boýunça ýurtlaryň dünýä sanawynda ikinji orny eýelemäge mümkinçilik berdi.

Syýahatçylyk ministrligi bu üstünligi, Saud Arabystanynyň «Görüş – 2030» milli maksatnamasyna laýyklykda, ýurduň syýahatçylyk pudagyny ösdürmek boýunça alyp barýan giň gerimli tagallalary bilen baglanyşdyrdy.

# BAE wizasyz baryp bilerler

**Mundan beýläk 82 ýurduň raýatlary Birleşen Arap Emirliklerine öňünden wiza alman baryp bilerler. Bu barada BAE-niň Daşary işler ministrliginiň beýanatynda aýdylýar.**

**Ministrlik 82 ýurduň raýatlarynyň öňünden wiza alman ýurda gelip bilýändigini, 115 ýurduň raýatlarynyň bolsa ýurda girmezden öň wiza almalydygyny ýatlatdy. Şeýle-de, Pars aýlagynyň ýurtlarynyň raýatlaryna BAE barmak üçin wizanyň ýa-da hemaýatkäriň zerur däldigi bellenilýär. Olar BAE-däki giriş portlaryna gelenlerinde diňe pasportyny ýa-da öz şahsyýetini tassyklaýan resminamany görkezip bilerler.**

**Mundan başga-da, gelenlerinde wiza alyp bilýän ýurtlaryň sanawy çap edildi. Gelip çykan ýurduna baglylykda, olara 30 günlük (goşmaça 10 gün ýeňillikli döwri bilen) ýa-da 90 günlük giriş wizasy berlip bilner.**

**Ýatlap geçsek, BAE-niň pasporty dünýäde abraýly orny eýeleýär. Häzirki wagtda ol «Passport Index» web saýtynda birinji bolup, dünýäde iň ýeňillikli pasport diýlip ykrar edildi. BAE-niň pasportlarynyň eýeleri 180 ýurda wizasyz girip bilýärler, şol bir wagtyň özünde olardan 127-si öňünden wiza talap etmeýär, 53-isi bolsa elektron wiza ýa-da howa menziline gelnende wiza hödürleýär.**



# DÜNÝÄDÄKI MEŞHUR KÖÇELER

Şäherleriň köpüsinde müňlerçe köçe bar bolsa-da, ýaşaýjylar tarapyndan bir ýa-da iki köçe has gowy tanalýar. Şäherleriň ady agzalanda şol şäherdäki meşhur köçäniň ady hem tutulýar. Hatda şol köçäniň ugrundaky myhmanhanalar, söwda nokatlary, güýmenje merkezleri, taryhy ýadygärlikler bilen hem gyzyklanylýar. Syýahatçylar şäherlere gezelenç edenlerinde şäheriň syýahatçylyk merkezleri bilen bir hatarda, meşhur köçelerini hem aýlanýarlar. Ol ýerde ýadygärlik suratlara düşýärler, köçe restoranlarynda garbanýarlar hem-de güýmenje merkezlerinde medeniýetli dynç alýarlar. Gazetimiziň şu sanynda sizi dünýädäki meşhur köçeler bilen tanyşdyrýarys.







**LOMBARD.** San-Fransiskoda ýerleşýän Lombard dünýäniň iň egri köçesi bolmak bilen meşhurdyr. Sekiz gatly öwrümden ybarat bolan bu köçe depä tarap uzalýar. Eňňitli egrem-bugram köçede ulaglar bary-ýogy sagatda 8 kilometr tizlik bilen hereket edip bilýärler. Lombard köçesi «ýylan seýilgähi» ady bilen hem tanalýar.

**ŞÖHRATLYLAR SEÝILGÄHI.** Los-Anjelesdäki şöhratlylar seýilgähi köçesi meşhur aktýorlary, sazandalary, režissýorlary, prodýuserleri, teatr ussatlaryny hatyralamak maksady bilen gurlupdyr. Köçäniň ýüzünde 2 müň 400-den gowrak ýyldyz bolup, olaryň ýüzüne ussatlaryň atlary ýazylypdyr. Köçedäki ýyldyzlar halkdan gelýän tekliplere görä ýyl-ýyldan köpelýär. Şöhratlylar seýilgähi iň köp surata düşülýän ýerleriň biridir.

**LA-RAMBLA.** La-Rambla Ispaniýanyň Barselona şäheriniň iň işjeň pyýada ýollarynyň biridir. Iki gyrasy agaçlar bilen örtülen bu köçäniň uzynlygy 1 kilometre barabar bolup, köçäniň ugrunda oturgyçlar, güllerden ýasalan ýadygärlik sowgatlary satylýan kiçiräk dükanlar, attraksion meýdançalar, çaýhanalar we kofehanalar bar. Gün dogandan giç agşama çenli La-Rambla köçesi köp adamly bolýar.

**BRODWEÝ.** Brodweý diňe bir Nýu-Ýorkuň meşhur köçeleriniň bir bolmak bilen çäklenmän, eýsem, şäheriň iň demirgazyk-günorta ýoludyr. 21 kilometre uzaýan bu köçäniň ugrunda Täze ýyl baýramçylygynyň geçirilýän ýeri bolan Taýms meýdançasy, Nýu-Ýorkuň meşhur teatr merkezi, söwda merkezleri ýerleşýär. Brodweý köçesi mydama köp adamly bolup, baýramçylyk günlerinde syýahatçylar köçäniň ugrunda geçirilýän çäreleri synlamaga barýarlar.

**ABBEÝ-ROAD.** «The Beatles» aýdym-saz toparynyň janköýeri bolsaňyz, onda bu köçä hökman baryp görmelisiňiz. Londonyň iň meşhur köçeleriniň biri bolan Abbeý ýoly Beatlesiň 1969-njy ýylda çykaran 11-nji albomynyň daşynda şekillendirilýär. Ýoldaky ak zolaklardan geçip barýan Beatlesiň 4 agzasynyň suraty häzirki günlerde hem meşhurlygyny saklaýar. Her ýyl ýüzlerçe janköýer, syýahatçy bu köçäniň çatrygyna gelip, ak çyzyklaryň üstünde Beatlesiň keşbini janlandyrýar.

# ÜZÜMIŇ SAGLYGA PEÝDASY

Tomus we güýz pasyllarynda ýetişýän iň datly miweleriň biri bolan üzüm witaminleriň hem-de minerallaryň baý çeşmesi hasaplanýar. Taryhy maglumatlarda üzümiň ata Watanynyň Ýakyn Gündogar ýurtlarydygy görkezilýär. Irki döwürlerde üzüm hasyllylygyň we bolelinligiň nyşany hasaplanypdyr. Üzüm gysga wagtyň içinde süýji miweli, çyrmaşyp ösýän ýabany ot görnüşinde köpçülige tanalyp başlanýar. Şeýlelikde, bu miwe Ýewropa, Amerika yklymlaryna ýaýraýar. Üzümiň dürli reňkli – ýaşyl, gyrmyzy, gyzyl, gülgün, gara, ak görnüşleri bar. Häzirki wagtda dünýäde üzümiň dürli howa şertlerinde 10 müňden gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Akşekerek, gelinbarmak, halyly, terbaş, kişmişi, taýpy üzümiň meşhur görnüşleri hasaplanýar. Üzümiň gollary bir ýylyň dowamynda ortaça 6 metre çenli ösüp bilýär. Üzüm senagat önümçiliginde iň köp sarp edilýän miweleriň biridir. Maglumatlara görä geçen ýyl dünýäde 27 million tonnadan gowrak üzüm ýetişdirilipdir.

Üzüm dürli ýaşdaky adamlar üçin iň gowy görülýän miweleriň biri bolup, immuniteti güýçlendirýär, beýniniň işjeňligini artdyrýar, göz saglygyny goraýar, şeýle hem bedeni birnäçe ýokumly maddalar bilen üpjün edýär.



**Immuniteti ýokarlandyrýar.** Güýz paslynyň gelmegi bilen üzüm iýmit sanawyna hökmany goşulmaly miweleriň biri hasaplanýar. Düzüminde C witaminini we mikroelementleri saklaýan bu miwe kesele garşy göreşip, bedeniň gorag ulgamyny güýçlendirýär. Geçirilen barlaglarda üzümiň beýni, aşgazan-içege bilen bagly kesellerden, şol sanda düwnük keselinden goraýandygy ýüze çykaryldy. Ýagny üzümi çigidi bilen bilelikde iýmek düwnük öýjükleriniň işini bozup, zäherli täsirleri azaltmaga ýardam edýär.

**Göz üçin peýdaly.** Geçirilen barlaglarda üzümiň gözüň görüş öýjüklerini Günüň zyýanly täsirinden goraýandygy ýüze çykaryldy. Üzümiň düzüminde lutein we zeaksantin ýaly göz üçin peýdaly antioksidantlar saklanýar.

**Ýüregi goraýar.** Üzüm ýürek üçin peýdaly miweleriň biridir. Bu miwäniň düzümindäki K witamini öýjükleriň sagdyn gan öndürijiligini üpjün edip, ýürek bilen bagly hadysalaryň öňüni almaga ýardam edýär. Esasan hem, gyzyl üzümiň düzümindäki kaliý gan basyşyny peseldip, ýüregiň kadaly işlemegini üpjün edýär. Geçirilen barlaglarda gyzyl üzümiň holesteriniň derejesini peseldýändigi ýüze çykaryldy.

**Beýniniň işjeňligini gowulandyrýar.** Üzümde saklanýan peýdaly birleşmeler, suw we B6 witamini nerw ulgamynda döräp biljek keselleriň öňüni alyp, beýniniň işjeňligini sazlaýar. Üzüm beýnidäki toksinleri we galyndylary aýyrmaga hem-de beýnini iýmitlendirmäge ýardam edýär. Şeýle hem ýady güýçlendirip, şähdaçyk bolmagy üpjün edýär.

**Kadaly ukyny üpjün edýär.** Ukudan ejir çekýän bolsaňyz, üzüm iýmek arkaly melatoniniň (uky gormony) tebigy çeşmesini alyp bilersiňiz. Üzüm aladalary ýatdan çykarmaga hem-de uky bozulmalaryny aradan aýyrmaga kömek edýär.

**Garramagy gijikdirýär.** Üzüm bedenimizdäki zyýanly maddalara garşy göreşip, deriniň garramagyny gijikdirýär. Şeýle hem öýjükleri täzelemek bilen bir hatarda, deriniň ýaş we sagdyn bolmagyny üpjün edýär.



# Bäbekler nähili uklaýarlar?

**Her bir bäbegiň ukusy dürli-dürli bolsa-da, ösüşine görä belli bir hepdelerde uky alamatlary üýtgäp başlaýar. Bäbekleriň uky düzgünleri aýdan-aýa, hepdeden-hepdä üýtgäp bilýär. Bir ýaşa ýetmedik bäbekler ulular bilen deňeşdirilende has ýeňil uklaýarlar. Ukusynyň köp bölegini «asuda ukuda» däl-de, «işjeň ukuda» geçirýärler. Işjeň ukuda bäbekler asuda dem alyp, erkin ýagdaýda ýatýarlar. Gabaklaryny doly ýapmaýandyklary üçin gözi bilen «jyklap» ýatýarlar. Şol sebäpli olar pyşyrdyly sese ýa-da ýuwaş herekete aňsatlyk bilen oýanyp bilýärler.**

### Bäbekler 3 aýa çenli nädip uklaýarlar?

Täze doglan bäbekler 3 aýa çenli gijesine we gündizine ýygy-ýygydan 30-40 minut aralykda uklaýarlar. Şeýlelikde, olar günde 8-18 sagat uklap bilýärler. Emma ýygy-ýygydan iýmitlenmeli bolany üçin wagtal-wagtal oýanyp, täzeden uklaýarlar. Bäbekler ilkibaşda gije bilen gündiziň tapawudyny bilmeýärler. Altynjy hepdeden soň gije bilen gündizi tapawutlandyryp başlaýarlar. Şol sebäpli bäbejigiň hossarlary gijesine uklamagy, gündizine bolsa ýagtylyga öwrenişip, işjeň ýagdaýda bolmagy öwretmeli bolýarlar.

### 3-6 aýlyk bäbekler nähili uklaýarlar?

Üçünji aýyny dolduran bäbekler adatça gündizine 3 gezek uklaýarlar. Her uky 2 sagat töweregi bolup, bir günüň dowamynda 14-15 sagat uklaýarlar. 3 aýdan soň bäbekleriň gijeki ukusy uzynlaşyp, has çuňňur uka gidýärler. Gijelerine ýygy-ýygydan iýmitlenmeli bolansoň, her 2-3 sagatdan, käte 1-2 sagatdan oýanýarlar.

### 6-12 aýlyk bäbekler näçe wagt uklaýarlar?

6 aýdan soň bäbekleriň uky düzgünleri uly adamlaryň uklaýşyna meňzäp başlaýar. Olar her gün 13 sagat töweregi uklaýarlar. 6 aýlyk bäbekleriň gündizki ukusy peselip başlaýar. Gündizine, takmynan, 2 gezek uklaýarlar hem-de 1-2 sagatdan oýanýarlar. Olar gündizini işjeň ýagdaýda geçirip, esasan, gijesine ýatýarlar. Iýmitlenmek üçin gijelerine oýanmagyň ýygylygy hem azalyp başlaýar. Bu aýlarda bäbekler ata-enelerine has ünsli bolýarlar. Olar hüwdi diňläp ýatmagy, süýji sözleri eşitmegi, özüne has köp üns berilmegini gowy görýärler. 6-12 aý aralygyndaky bäbekler hossarlarynyň gujagynda uklasalar, özlerini rahat duýýarlar. 6 aýlykdan soň bäbegiň ukusy üçin gün tertibini döretmek onuň saglygy üçin möhümdir. Gündizine arassa howada aýlamak, gijesine uky wagtyny sazlamak bäbegiň kadaly ösüşine we özüni rahat duýmagyna ýardam edýär.

### 12 aýlyk bäbekler nädip uklaýarlar?

12 aýlyk bäbekleriň ukusy doly kadalaşýar we çuňlaşýar. Olar gündizine bir ýa-da iki gezek uklaýarlar. 12 aýlyk bäbekler gije 1-2 gezek oýanyp, 12 sagat uklap bilýärler.

# ÇAGALAR

✓ Dünýädäki ilkinji ýolyşyk 1868-nji ýylda Londonda oturdylýar. Gaz bilen işleýän bu enjam bir aý töweregi işleýär.

(Erteki)



## GAZ bilen DURNA

Bir bar eken, bir ýok eken, bir öwünjeň gaz bar eken. Bu gaz her guşuň ýanyna baranda: «Dünýäde meniň ýaly başarjaň jandar barmyka?!» diýip, öwner eken.

Bir gün ýaňky gaz bir topar guşuň arasynda oturyp, olara garap:

– Dostlar, hiç biriňiz mençe ýoksuňyz. Men uçaýyn diýsem, asmanda ganat ýaýyp uçup bilýän, ýüzeýin diýsem, uly deňiz-derýalarda, göm-gök köllerde suratymy suwa düşürip, ýüzüp bilýän, ýöräýin diýsem gury ýerde-de, çölde-de ýöräp bilýän – diýip, öwnüp otyrka, onuň ýanyna bir durna gelipdir-de, gaza ýüzlenip:

– Eý, gaz dost, sen bu hünärleriňe guwanyp, öwnüp oturma. Ol hünärleri başaryşyň gaty ýöntem. Hemmesi birigip, emelli-başly ýeke hünäre degenok – diýipdir.

Guşlaryň arasynda öz diýenini gögerdip ýören gaz durnanyň sözlerine geň galyp:

– Hany, sen onda düşündir. Näme üçin beýle diýdiň? – diýip, oňa tiňkesini dikipdir. Durna:

– Howada laçyn ýaly uçup bilmeýäň. Suwda balyk ýaly ýüzüp bilmeýäň. Çölde keýik ýaly ýöräp bilmejegiňe hem gözümiz ýetýär. Şolaryň haýsy birinden öňe düşerin öýdýäň. Şonuň üçin özüňi biderek öwüp ýörme. Şol hünärleriň birini bil, emma pugta bil, ýogsam bu emelleriňden saňa hiç hili peýda ýokdur – diýip, jogap beripdir. Durnanyň bu sözleri öwünjeň gaza sapak bolupdyr.

**«Ýüz hünäri çala bilenden, bir hünäri doly bil».**

## ÝOLYŞYK



## DUR, TAÝÝARLAN, ÝÖRE!

**Dürli döwürlerde durmuşa ornaşdyrylan oýlap tapyşlaryň iň esaslarynyň biri hem ýolyşykdyr. Pyýadalaryň, awtoulaglaryň, käbir uly şäherlerde welosipedçileriň hereketini sazlaýan bu enjam durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Ýolyşygyň oýlanyp tapylmagy we kämilleşdirilmegi bilen ýol hereketine birnäçe düzgünler, ýol belgileri hem girizildi.**

Ýol hereketiniň kadalaryny ulular bilen bir hatarda çagalaryň hem bilmegi möhüm şertleriň biri bolup durýar. Çagalar bagyna ýa-da mekdebe gideniňizde, ýol hereketiniň kadalaryny doly we dogry berjaý etmek ilki bilen ýol belgilerini hem-de ýolyşygyň çyralarynyň manysyny öwrenmekden başlanýar. Eger-de ýolda ak zolaklar ýa-da «zolakdan ýöräp barýan adamyň şekili» belgisi bar bolsa, bu siziň ýoldan geçip biljekdigiňizi aňladýar. Ýoldan geçilende, ilki çepiňe, ýoluň merkezindäki çyzyga golaýlanyňda bolsa, sagyňa seretmegi ýatdan çykarmaly däl. Ýolyşygyň bar ýerinde ýoldan geçilende ýanyp-sönýän çyralara ünsli bolmalydyr. Gyzyl çyrada geçmegiň gadagandygyny, sary çyrada ýöremäge taýýarlanmalydygyny, ýaşylda herekete geçmelidigini, megerem, hemmämiz bilýän bolsak gerek. Käbir ýolyşykda çyralaryň näçe sekuntdan çalyşjakdygyny görkezýän, ýagny azalyp barýan sanlar hem bolýar. Şular ýaly ýolyşyk bar bolan çatrykda eger sanlar nola ýetýänçä geçip biljekdigiňize gözüňiz ýetmese, onda garaşyň! Pyýadalar üçin gaýtadan gyzyl ýanyp, soňra ýaşyl ýanandan soňra ýoldan geçiň! Ýoly kesip geçeniňizde biparhlyga ýa-da gyssanmaçlyga ýol bermeli däl. Awtoulag hereketiniň akgynly ýerlerinde ýörite pyýadalar üçin niýetlenen ýerasty we ýerüsti geçelgeden geçmelidigini unutmaň! Ata-eneňiziň ýa-da mugallymlaryňyzyň gündelik tabşyryklaryna eýerip, ýol hereketiniň talaplaryny doly we dogry berjaý ediň!




### ÝOLYŞYGYŇ TARYHYNDAN

**Islendik oýlanyp tapylan enjamyň ilkibaşda kämil bolmaýşy ýaly, ýolyşygyň hem uzyn we gyzykly taryhy bar. Eýsem, ýolyşygy kim, haçan oýlap tapdy?**

Adamzat durmuşynda entek awtoulag serişdeleriniň oýlanyp tapylmadyk döwründe ilkinji ýolyşyklar peýda bolupdyr. Ilkinji ýolyşyk tok bilen däl-de, gaz bilen işläpdir. Fonara meňzeş ýolyşygyň gyzyl we ýaşyl reňkleri bolupdyr. Iňlis iňženeri demirýolçy Jon Pik Naýtyň oýlap tapan bu enjamy 1868-nji ýylyň ahyrynda Londonyň uly köçeleriniň birinde ýerleşdirilipdir. Synagdan geçirmek maksady bilen bir aý töweregi ulanylan bu enjamy el bilen işletmeli bolupdyr. Şäherleriň ýollarynda at arabalarynyň, welosipedleriň we pyýadalaryň köpelmegi bilen hereketi sazlaýan hem-de düzgüne salýan enjama zerurlyk duýlup başlanýar. Şeýlelikde, 1910-njy ýylda Ernst Sirin ýolyşygyň täze görnüşini işläp düzýär. Şol ýyllar amerikan inženeri Garret Morgan hem ýol hereketini sazlaýan enjamy oýlap tapýar. Morgan birnäçe synanyşykdan soň elektrik togy bilen işleýän ýolyşygy işläp düzýär. Onuň döreden gyzyl we ýaşyl gözli ýolyşygyna gysga wagtda duýduryjy sary yşyk hem goşulýar. «T» harpyna meňzedilip ýasalan Morganyň ýolyşygy dünýäniň dürli ýurtlaryna ýaýraýar. Elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji ýolyşyk 1914-nji ýylda ABŞ-nyň Ogaýo ştatynyň Kliwlend şäherindäki iň köp gatnawly köçäniň çatrygynda goýulýar. Onda gyzyl yşyk «dur», ýaşyl yşyk «ýöre» diýmegi aňladypdyr. Reňkleriň çalşygy ses bilen duýdurylypdyr. 1926-njy ýylda ilkinji awtomatik ýolyşyklar peýda bolýar. Reňkleriň näçe wagtdan çalyşjakdygyny görkezýän sanly ýolyşyklar bolsa, 1990-njy ýyllarda pyýadalar üçin döredilýär. Soňlugy bilen awtoulaglar üçin hem sanly ýolyşyklar ulanylyp başlanýar.

Aslynda ilkibaşda ýolyşyklar, has takygy, 1830-njy ýyllarda demir ýol ulgamynda peýda bolýar. Ak we ýaşyl çyraly demir ýol yşygyny saýgarmakda kynçylyklar ýüze çykyp başlaýar. Şeýlelikde, demir ýol üçin hem awtoulag ýolundaky ýaly gyzyl, ýaşyl we sary reňkler ulanylyp başlanýar. Bu üç reňkiň saýlanyp alynmagynyň sebäbi olary saýgarmak beýleki reňklere görä has aňsat.

### ÝOLYŞYK BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR:

- Dünýädäki ilkinji ýolyşyk 1868-nji ýylda Londonda oturdylýar. Gaz bilen işleýän bu enjam bir aý töweregi işleýär.
- 1920-nji ýyllara çenli ýolyşykda sary çyra ýokdy. 1920-nji ýylda Detroýtyň polisiýa işgäri Wilýam Potts sürüjiler üçin zerur bolan duýduryjy sary çyrany goşýar.
- Dünýäniň iň köne hereket sazlaýjysy Ogaýo ştatynyň Aşwil şäherinde ýerleşýär. 1932-nji ýylda gurlan bu ýolyşyk 90 ýyldan gowrak wagt bäri ulanylýar.
- Amerikaly awtoulag sürüjisi her ýyl ortaça 58,6 sagadyny gyzyl yşykda garaşyp geçirýär.
- Gyzyl çyrany beýleki reňklere görä tolkun uzynlygynyň has güýçli bolany üçin uzakdan saýgaryp bolýar.

**Şekili reňkläň!**



**5 tapawudy tapyň!**




**Gyzykly pursat**



## 41-nji KROSSWORD

**Berdi GURTGELDIÝEW,** *Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

**KESELIGINE:** **1.** Karib deňzinde arhipelag. **7.** Gumda bitýän, düýbi iýilýän ýabany ösümlik. **10.** ABŞ-da bir şäher. **11.** Içinde mal-gara saklanýan giň howly. **12.** Ýaglyk, elýaglyk (köne söz). **13.** Çala görmek, aňşyrmak. **16.** «Aldy janym ýüzi enwer, kamaty ... ýigit» («Zöhre □ Tahyr»). **17.** Dil. **20.** «Ýigrimi bäş ýaşynda, ... wagtynda, Mätäjini goç gardaşdan aýyrdy» (Mätäji). **23.** Peruda bir derýa. **25.** At esbaby. **27.** Bir düşünjä bolan yrym, ynanç. **28.** Bir zadyň öňüne ýa-da daşyna edilen germew. **29.** Gün hanyň ogly. **31.** Gaýma iňňesi bilen gaýalýan nagyş. **34.** Batgalyk ýerde ýaşaýan guş. **37.** Demirgazyk Afrikada bir dag. **39.** Kejebäniň tutusy. **40.** Oglan-gyzlaryň garyşyp oýnaýan milli oýny. **44.** Ätiýaçsyz, bihabar. **45.** «... padano» gaty italýan peýniri. **46.** Üç ýaşyndaky tüwe, gulajyn. **47.** Gana döwletiniň paýtagty. **48.** Ykmanda, sergezdan.

**DIKLIGINE:** **1.** Ýerliksiz, biderek. **2.** Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gara Seýitliýewiň doglan obasy. **3.** Gyz ady. **4.** Birini gorkuzmak, çekindirmek üçin haýbat, hemle. **5.** Kümüş pul (köne söz). **6.** Behişt. **7.** Ýurdumyzda bir etrap. **8.** Ýaponiýanyň gadymy harby derejesi. **9.** Ojagyň küli syrylyp, toplanyp dökülýän susak. **14.** Gurşundan guýlan kenek. **15.** Ýewraziýanyň çetki nokatlarynyň biri. **18.** Biçäre. **19.** Maksady ýerine ýeten, arzuwy ýerine gowşan. **21.** Çapawul, alaman. **22.** «Azaşan ... tapsa ýagşy» (atalar sözi). **24.** Birine garaşly bolup gün görýän adam. **25.** Gurbannazar Ezizowyň bir goşgusy. **26.** Mähelle, märeke. **29.** Ispaniýanyň futbol topary. **30.** Iýmek, kertmek (göçme manyda). **32.** Fiziki güýç, kuwwat. **33.** Mezozoý erasynyň bir döwri. **35.** Hekaýa mazmunly şygyr bilen ýazylan eseriň bir görnüşi. **36.** Pagta çigidiniň ýagy alnandan soň galan galyndysy. **38.** Ýyrtyk-ýirik egin-eşik, eleşan geýim. **39.** Utanjaň, çekinjeň. **41.** Jebir, sütem (göçme manyda). **42.** Gyzgylt-goňur reňkli düýe. **43.** Özbegistanda bir şäher.

40-njy krosswordyň jogaby:

39-njy krosswordyň jogaby:

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 9

## SÖZ GOÝMAK

m a k a k a

**4 HARPLY:** guýy, yşyk, Hywa, omaç, azal, aýak, älem, aýan;
**5 HARPLY:** Hasan, Pamir, ganat, taňka, salym, akbaş, matal, amper, tütün, gopaz, mysal, Redmi, hamyr, halal, raýat, gazal, gamyş, hamsa, nakyl, tokga;
**6 HARPLY:** Gawana, aýakçy, adalat, ekabyr, Ýarajy, çişlik, kilwan, **makaka.**

## 26-njy SKANWORD

Döwürleýin metbugat neşirlerine ýazylyşyk; Bir ugra degişli edaralaryň jemi; Motosikliň bir görnüşi; Magnitofonyň içine salnyp, aýdym diňlenýän; Oglan ady; Barlag, derňew; Sahna oýunlary görkezilýän jaý; Itiň bir tohumy; Öwgi, taryp; Aňsatlyk bilen ynanýan; Mikroblar arkaly ýaýrap, kesel döredýän; Ýogyn ýüplük egrilýän gural; «Ilim-günüm bolmasa, ..., Günüm dogmasyn» (nakyl); Düýp; Nigeriýanyň paýtagty; Dermanlyk ösümlik; Wagt görkezýän enjam; Türk doňdurma brendi; Mýanmanyň pul birligi; Käriziň dik çukury; Aist guşlarynyň bir görnüşi; Taryhy, öňki; Göwrümli zadyň daş görnüşi; Ýelkenli gäminiň bir görnüşi; Polat jam; «jandar» sözüniň iňlisçesi; Däp-dessur; Rus ýazyjysy ... Tolstoý; Wideo oýunlary döretmekde ýöriteleşen ýapon kompaniýasy; Ýurdumyzda bir etrap; Russiýada bir derýa; Deňiz süýdemdirijisi; Pul birligi; Hindi awtoulag kompaniýasy; Fransuz kompaniýasy «Kristian ...»; Pygamber; Gitaranyň bir görnüşi; Iri ýaprakly, dik ösýän haşal ot; Awtoulag kysymy; Polat simden işilip ýasalan tanap; Oglan ady; Batyr, edermen (köne söz); Rim panteonynyň hudaýy; Dişiň syrçasy; Ýaýlym üçin döredilen film; Lýudwik Lazar tarapyndan döredilen dil.



## 27-nji SKANWORD

Gawunyň bir görnüşi; Ýokary okuw mekdebi; Gopgun, goh; ABŞ-nyň bir ştaty; «Bawariýanyň» esasy futbolçysy Manuel ...; Gitdigiçe, günsaýyn; Ýyldyzlaryň biri; Gowanyň agzyndaky ýüp baglanýan atanak agaç; Biçüw; Ilki, ozal; Guş saklanýan gözenek; Kellagyry; Ýewropada bir döwlet; Uzyn hüpükli owadan guş; Amerikanyň ulag kompaniýasy; Gadymy tüpeňiň bir görnüşi; Alada, gözegçilik; «... kişňän tarapyna sür» (nakyl); Nagma; «Dil bilen orak orsaň, ... agyrmaz» (nakyl); Eňaşak ýer; Hytaýda bir dag; Sport egin-eşiklerini öndürýän kompaniýa; Ýabany öküz; Çörek; Argentinaly futbolçy; Baglaýjy kömekçi; Halkara gurama; San; Gawunyň bir görnüşi; Ynanç; Sportuň bir görnüşi; Gaýgyly saz eseri; Garga (köne söz); Ýük ulagy; Metal; Goluň bedene birigýän ýeri; Düýäniň bir görnüşi; Ýygnanan suwuň akýan ugry; Guş; Ispaniýada bir şäher; Oňaýly; Şaýly tahýa dakylýan per; Ylgaşyk arkaly geçirilýän ýaryş; Takyr (köne söz); Hemmeler üçin, hemmelere degişli bolan; Däne gömlüp saklanýan çukur; Güýçli tolkun; Ýurdumyzyň futbol topary; ...-wasy; Keseki; Pasyl; Nigeriýaly futbolçy Braýan ...; Suwuk däl; «... başy dumansyz bolmaz» (nakyl); Agaç; Iordaniýanyň paýtagty; Aralary ýakyn, golaý; «Çyn bilen ýalanyň ... dört barmak» (atalar sözi); Miwe; Ters, jet (köne söz).




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

**8-nji sentýabr (anna):**

Indoneziýa – Türkmenistan (17:30)
Gruziýa – Ispaniýa (21:00)
Türkiýe – Ermenistan (23:45)
Slowakiýa – Portugaliýa (23:45)

**9-njy sentýabr (şenbe):**

Braziliýa – Boliwiýa (05:45)
Azerbaýjan – Belgiýa (18:00)
Ukraina – Angliýa (21:00)
D. Makedoniýa – Italiýa (23:45)
Ýaponiýa – Germaniýa (23:45)

**10-njy sentýabr (ýekşenbe):**

Finlýandiýa – Daniýa (21:00)
Irlandiýa – Niderlandlar (23:45)
ABŞ – Özbegistan (02:30)

**11-nji sentýabr (duşenbe):**

Ermenistan – Horwatiýa (21:00)
Portugaliýa – Lýuksemburg (23:45)

**12-nji sentýabr (sişenbe):**

Bahreýn – Türkmenistan (15:00)
Katar – Russiýa (15:00)
Ýaponiýa – Türkiýe (17:20)
G. Koreýa – S. Arabystany (21:30)
Ispaniýa – Kipr (23:45)
Italiýa – Ukraina (23:45)
Belgiýa – Estoniýa (23:45)
Şwesiýa – Awstriýa (23:45)
Şotlandiýa – Angliýa (23:45)
Germaniýa – Fransiýa (00:00)
Özbegistan – Meksika (04:30)

# Milli ýygyndylaryň duşuşyklary

Ýewropada we beýleki yklymlarda milli ligalarda ýygyndylaryň duşuşyklary sebäpli geljek hepdäniň anna gününe çenli oýun geçirilmez. Ýewropada EURO–2024-iň saýlama tapgyrynyň nobatdaky duşuşyklary geçiriler. Şol sanda Günorta Amerikada Dünýä Kubogy–2026-nyň saýlama tapgyrynyň duşuşyklaryna badalga berler. Aziýadyr beýleki yklymlarda-da ýoldaşlyk duşuşyklary guralar. Türkmenistanyň milli ýygyndysy hem 2 ýoldaşlyk duşuşygyny geçirer.

Dünýä Kubogy–2026-nyň saýlama tapgyryna taýýarlyk hökmünde görülýän bu duşuşyklarda ildeşlerimiz ilki şu gün Indoneziýanyň ýygyndysy bilen duşuşar. Aşgabat wagty bilen 17:30-da başlanjak oýun Indoneziýanyň Surabaýa şäherinde geçiriler. Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň 2-nji duşuşygy 12-nji sentýabrda bolar. Şonda milli ýygyndymyz BAE-niň Dubaý şäherinde Bahreýniň milli ýygyndysy bilen özara güýç synanyşar. Duşuşyk 15:00-da başlanar.

Milli ýygyndylaryň arasynda geçiriljek duşuşyklardan EURO–2024-iň saýlama tapgyrynyň çäginde, Ukraina bilen Angliýanyň, Demirgazyk Makedoniýa bilen Italiýanyň, Irlandiýa bilen Niderlandlaryň, Finlýandiýa bilen Daniýanyň, Italiýa bilen Ukrainanyň, Şwesiýa bilen Awstriýanyň arasyndaky duşuşyklar aýratyn ünsi çekýär.

Şol bir wagtyň özünde-de Günorta Amerikada Dünýä Kubogy–2026-nyň saýlama tapgyryna badalga berler.




Argentinanyň ýygyndysy Ekwador bilen duşuşsa, Braziliýanyň ýygyndysy Boliwiýa bilen özara güýç synanyşar.

Ýoldaşlyk duşuşyklaryndan bolsa Ýaponiýa – Germaniýa, ABŞ – Özbegistan, Günorta Koreýa – Saud Arabystany, Ýaponiýa – Türkiýe, Şotlandiýa – Angliýa, Fransiýa – Germaniýa duşuşyklary öňe saýlanýar.

# Ispaniýada ýerli sürüjileriň goşa üstünligi

Moto GP boýunça möwsümiň 11-nji bäsleşigi Ispaniýanyň Kataloniýa sebitiniň Montmelo şäherinde geçirildi. Ýaryşda «Aprilia» toparynyň ispan sürüjileri 1-2-nji orunlary eýelediler. Goşa ýeňiş gazanan «Aprilia» toparyndan Aleiks Espargaro 23 aýlawy 38 minut 56,159 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 1-nji, karýerasyndaky 2-nji ýeňşini baýram etdi. Ondan 0,377 sekunt yza galan Mawerik Winýales 2-nji orny eýeledi. «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin bolsa, ýaryşy 3-nji orunda tamamlady. Ýaryşyň çäginde geçirilen sprint bäsleşiginde-de Aleiks Espargaro iň köp utuk alan sürüji boldy.



Geçirilen bu ýaryşdan soň Kataloniýadaky bäsleşikde çykyş edip bilmedik sanawyň lideri, italiýaly Françesko Banaia («Ducati Lenovo») ornuny saklamagyny dowam edýär. Onuň 260 utugy bar. Ispaniýaly Horge Martin 210 utuk bilen 2-nji, 189 utuk toplan italiýaly Marko Bezzekki («Mooney VR46 Racing») 3-nji ýeri eýeleýär.

Möwsümiň 12-nji ýaryşy 10-njy sentýabrda San Marinoda geçiriler.

# ILKINJI YKLYM ÇEMPIONLYGY



**Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda 4 ýurduň (Belgiýa, Estoniýa, Germaniýa, Italiýa) bilelikde guran 33-nji Ýewropa çempionatynda Türkiýäniň ýygyndysy çempion boldy. Belgiýanyň paýtagty Brýusselde oýnalan finalda Türkiýäniň ýygyndysy Serbiýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalyň 1-nji setinde serbler 27:25 öňe saýlandy. 2-nji setde 25:21 hasabynda ýeňiş gazanan türkler hasaby deňlediler. 3-nji setde ýene-de serbler ýeňiş gazandy (25:22). Şol hasap bilen tamamlanan 4-nji set türkleriň peýdasyna boldy. Final setinde bolsa iki toparam erjel oýun görkezdi. Netijede, Türkiýäniň ýygyndysy 15:13 ýeňiş gazanyp, umumy hasapda 3:2 öňe saýlandy we taryhynda ilkinji gezek Ýewropanyň çempiony bolmagy başardy.**

**Türkiýäniň ýygyndysy mundan öň 2 gezek finalda utulypdy. 2003-nji ýylda Polşadan, 2019-njy ýylda-da Serbiýadan asgyn gelen Türkiýäniň ýygyndysynyň 3 bürünç medaly (2011, 2017, 2021) hem bar. 2015-nji ýylda 4-nji ýeri eýelän türkler soňky 7 ýaryşda 6 gezek ýarym finala çykdy.**

**Final duşuşygynda Türkiýäniň ýygyndysynyň gazanan 112 utugynyň 41-sini öz adyna ýazdyran Melissa Wargas çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.**

**Bassyr 2-nji sapar finalda utulan Ýewropanyň 3 gezek çempiony Serbiýanyň ýygyndysynyň umumylykda 3 kümüş medaly bar.**

**Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Niderlandlaryň ýygyndysy geçen ýaryşyň çempiony Italiýanyň ýygyndysyndan 3:0 hasabynda üstün çykyp, 38 ýyldan soň 3-nji gezek 3-nji ýeri eýeledi.**

# UEFA Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynyň bijeleri çekildi

**Çempionlar Ligasyndan soň UEFA-nyň 2–3-nji derejeli klub ýaryşlarynyň — Ýewropa Ligasy hem-de Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň täze möwsümleriniň hem bijeleri çekildi. Iki ýaryşa-da yklymyň öňdebaryjy klublary bilen bir hatarda, taryhynda ilkinji gezek wekilçilik etjek klublar hem çykyş eder. Şol sanda 3 ýurt taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň klub ýaryşlaryna gatnaşar.**

### ÝEWROPA LIGASY

● UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşynda-da täze möwsümiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Bu möwsüm ýaryşyň umumylykda 53-nji, Ýewropa Ligasy ady bilen geçirilip başlany bäri-de 15-nji möwsümi bolar.




Bijä laýyklykda, «Liwerpul» «E» toparçada Awstriýanyň LASK, Belgiýanyň «Ýunion Sent-Žillua», Fransiýanyň «Tuluza» klublary bilen bije çekişdi.

32 klubuň 6-sy ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýar. Olar Serbiýanyň TSS, Kipriň «Aris», Polşanyň «Rakuw», Şweýsariýanyň «Serwett», Şwesiýanyň «BK Haken» hem-de Angliýanyň «Braýton» klublarydyr. Gatnaşýan 32 klub 21 ýurda wekilçilik edýär. Gresiýadan 3 klub bolup, olaryň 3-si hem paýtagt Afiny şäherine degişlidir. Şeýle-de, Çehiýanyň paýtagty Pragadan 2 klub toparçalarda çykyş eder.

Toparçalardaky duşuşyklar 21-nji sentýabrda başlap, 14-nji dekabrda tamamlanar. Her toparçada 1-nji orny eýelänler 1/8 finala çyksa, 2-nji orny eýelänler Çempionlar Ligasynyň toparçalarynda 3-nji ýeri eýelänler bilen 1/8 finala çykmak üçin pleý-off duşuşygyny geçirerler.

Ýaryşyň final duşuşygy geljek ýylyň 22-nji maýynda Irlandiýanyň paýtagty Dublindäki «Awiwa» stadionynda geçiriler.

*UEFA Ýewropa Ligasynyň 2023/24 möwsüminiň toparçalary:*

◆ **«A» TOPARÇA:**
«West Ham» (Angliýa), «Olimpiakos» (Gresiýa), «Fraýburg» (Germaniýa), TSS (Serbiýa)

◆ **«B» TOPARÇA:**
«Aýaks» (Niderlandlar), «Marsel» (Fransiýa), «Braýton» (Angliýa), AEK (Gresiýa)

◆ **«C» TOPARÇA:**
«Reýnjers» (Şotlandiýa), «Betis» (Ispaniýa), «Sparta Praga» (Çehiýa), «Aris Limasol» (Kipr)

◆ **«D» TOPARÇA:**
«Atalanta» (Italiýa), «Sporting» (Portugaliýa), «Şturm» (Awstriýa), «Rakuw Çenstohowy» (Polşa)

◆ **«E» TOPARÇA:**
«Liwerpul» (Angliýa), LASK (Awstriýa), «Ýunion Sent-Žillua» (Belgiýa), «Tuluza» (Fransiýa)

◆ **«F» TOPARÇA:**
«Wilýarreal» (Ispaniýa), «Renn» (Fransiýa), «Makkabi Haýfa» (Ysraýyl), «Panatinaikos» (Gresiýa)

◆ **«G» TOPARÇA:**
«Roma» (Italiýa), «Slawiýa Praga» (Çehiýa), «Şerif» (Moldowa), «Serwett» (Şweýsariýa)

◆ **«H» TOPARÇA:**
«Baýer» (Germaniýa), «Garabag» (Azerbaýjan), «Molde» (Norwegiýa), «BK Haken» (Şwesiýa).

### ÝEWROPA KONFERENSIÝA LIGASY

● UEFA-nyň täze ýaryşy bolan Konferensiýa Ligasynda-da toparçalaryň bijeleri çekildi. 3-nji möwsümi bolan ýaryşda «Lill», «Dinamo Zagreb», «Klub Brýugge», «Aston Willa», AZ, geçen ýylyň finalçysy «Fiorentina», şol sanda «Aýntraht», «Fenerbahçe» ýaly klublar çykyş eder. 32 klubuň gatnaşýan ýaryşynda 28 ýurduň wekili kubok ugrunda göreşer. Klublaryň arasynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýanlar bolup, olar «Breidablik», «Çukariçki», «KI Klakswik», «Olimpiýa Lýublýana» hem-de «Zrýinski Mostar» toparlarydyr. «Breidablik», «KI Klakswik», «Zrýinski Mostar» toparlary öz ýurtlarynyň adyndan UEFA-nyň ýaryşlaryna




gatnaşýan ilkinji klublar hökmünde hasaba alyndy. Ýagny degişlilikde, Islandiýanyň, Farer adalarynyň hem-de Bosniýa we Gersegowinanyň adyndan bir klub ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda çykyş ederler. Umumylykda AZ, «Ballkani», «Bodo-Glimt», «Fiorentina», «Gent», HJK, «Makkabi Tel-Awiw», PAOK, «Slowan Bratislawa» hem-de «Zorýa Lugansk» klublaryndan galan toparlar 3-nji sapar guralýan UEFA Konferensiýa Ligasyna ilkinji gezek gatnaşýarlar.

Her toparçada 1-nji orny eýelänler 1/8 finala çyksa, 2-nji ýerdäkiler Ýewropa Ligasyndan geljek toparlar bilen pleý-off duşuşyklaryny geçirerler.

Ýaryşyň final duşuşygy 2024-nji ýylyň 29-njy maýynda Gresiýanyň paýtagty Afinydaky «Agia Sofiýa» stadionynda oýnalar.

*UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň 2023/24 möwsüminiň toparçalary:*

◆ **«A» TOPARÇA:**
«Lill» (Fransiýa), «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa), «Olimpiýa Lýublýana» (Sloweniýa), «KI Klakswik» (Farer adalary)

◆ **«B» TOPARÇA:**
«Gent» (Belgiýa), «Makkabi T.» (Ysraýyl), «Zorýa Lugansk» (Ukraina), «Breidablik» (Islandiýa)

◆ **«C» TOPARÇA:**
«Dinamo Z.» (Horwatiýa), «Wiktoriýa P.» (Çehiýa), «Astana» (Gazagystan), «Ballkani» (Kosowo)

◆ **«D» TOPARÇA:**
«K. Brýugge» (Belgiýa), «Bodo-Glimt» (Norwegiýa), «Beşiktaş» (Türkiýe), «Lugano» (Şweýsariýa)

◆ **«E» TOPARÇA:**
AZ (Niderlandlar), «Aston Willa» (Angliýa), «Legia Warşawa» (Polşa), «Zrýinski Mostar» (Bosniýa we Gersegowina)

◆ **«F» TOPARÇA:**
«Ferenswaroş» (Wengriýa), «Fiorentina» (Italiýa), «Genk» (Belgiýa), «Çukariçki» (Serbiýa)

◆ **«G» TOPARÇA:**
«Aýntraht» (Germaniýa), PAOK (Gresiýa), HJK (Finlýandiýa), «Aberdin» (Şotlandiýa)

◆ **«H» TOPARÇA:**
«Fenerbahçe» (Türkiýe), «Ludogores Razgrad» (Bolgariýa), «Spartak Trnawa» (Slowakiýa), «Norşellann» (Daniýa)

## 10-njy ýeňiş




# 10 ýyllyk rekord täzelendi

Formula 1 Dünýä çempionatynda möwsümiň 15-nji «Gran Prisi» Italiýanyň Monza şäherinde geçirildi. 51 aýlawdan ybarat bolan ýaryşa «Ferrari» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Karlos Saýns Junior ilkinji hatardan bat aldy. Ýöne soňlugy bilen 14-nji aýlawda öňe geçen «Red Bulluň» niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazanmagy başardy. 51 aýlawy 1 sagat 13 minut 41,143 sekuntda tamamlan Werstappen bassyr 10-njy, möwsümdäki 12-nji ýeňşini baýram etdi. Karýerasy boýunça-da 47-nji gezek pellehana hemmeden öň gelen Werstappen germaniýaly Sebastian Wettelliň 10 ýyllyk rekordyny täzeledi. Wettel 2013-nji ýylda 4-nji çempionlygyny gazananda, soňky 9 ýaryşda ýeňiş gazanyp, rekord goýupdy. Şeýle-de, şu ýyla geçip, 14-nji ýeňşini gazanan «Red Bull» topary bir möwsümde yzly-yzyna ýeňiş gazanmakda özüne degişli rekordy täzeledi. Topar umumylykda 15-nji ýeňşini gazandy.

Ýaryşda Werstappeniň meksikaly topardaşy Serhio Peres 6,064 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. «Ferrari» toparynyň sürüjileri — Karlos Saýns Junior 3-nji, Şarl Lekler 4-nji orna mynasyp boldy. «Mercedes» toparynyň britaniýaly sürüjileri-de – Jorj Rassell bilen Lýuwis Hamilton 5-6-njy ýerleri paýlaşdylar.

Italiýa «Gran Prisinden» soň Werstappen çempionlyga ýene bir ädim golaýlap, utugyny 364-e ýetirdi. 2-nji ýerdäki Peresiň 219 utugy bar. 3-nji orundaky Fernando Alonso 170, 4-nji basgançakdaky Hamilton 164 utuk toplady.

Italiýa «Gran Prisi» şu möwsüm üçin Ýewropadaky ýaryşlaryň iň soňkusy bolup, mundan soňky 8 bäsleşik Aziýadyr Demirgazyk hem-de Günorta Amerikada geçiriler. Indiki ýaryş 17-nji sentýabrda Singapurda guralar.

# LONDONA BARÝAN ÝOL




● UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsüminiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. 32 klubuň gatnaşjak iň soňky möwsüminde «F» toparça düşen PSŽ, «Borussiýa Dortmund», «Milan», «Nýukasl» klublarynyň özara duşuşyklary garaşylýan esasy oýunlar bolar. Şeýle-de, 1999-njy ýylyň finalynda duşuşan «Bawariýa» bilen «Mançester Ýunaýtediň», şol sanda «Real Madrid» bilen «Napoliniň» arasyndaky oýunlar toparçalardaky esasy duşuşyklar hasaplanýar. Geçen möwsümde toparçalardan soňky tapgyrlarda duşuşan «Mançester Siti» bilen «Leipsigiň», «Inter» bilen «Benfikanyň» arasyndaky oýunlar hem üns merkezinde bolar. Bulardan başga-da, «Arsenalyň» PSW, «Sewilýa», «Barselonanyň» «Porto», «Galatasaraýyň» «Bawariýadyr» «Mançester Ýunaýted» bilen geçirjek duşuşyklarynyň hem gyzykly, çekeleşikli, köp golly bolmagyna garaşylýar. Ilkinji 3 tapgyryň duşuşyklary Aşgabat wagty bilen 21:45-de hem-de 00:00-da, soňky 3 tapgyryň duşuşyklary bolsa 22:45-de hem-de 01:00-da başlar. Toparçalarda jemi 96 duşuşyk geçiriler.



**19-njy sentýabr (sişenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| F | **Milan** | — | **Nýukasl** | 21:45 |
| G | Ýang Boýz | — | Leipsig | 21:45 |
| E | Feýenoord | — | Seltik | 00:00 |
| E | Lasio | — | Atletiko M | 00:00 |
| F | **PSŽ** | — | **Borussiýa D** | 00:00 |
| G | Man. Siti | — | S. Zwezda | 00:00 |
| H | Barselona | — | Antwerpen | 00:00 |
| H | Şahtýor D | — | Porto | 00:00 |

**20-nji sentýabr (çarşenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| A | Galatasaraý | — | Kopengagen | 21:45 |
| C | Real Madrid | — | Union Berlin | 21:45 |
| A | **Bawariýa** | — | **M. Ýunaýted** | 00:00 |
| B | Sewilýa | — | Lans | 00:00 |
| B | **Arsenal** | — | **PSW** | 00:00 |
| C | Braga | — | Napoli | 00:00 |
| D | Benfika | — | RB Salsburg | 00:00 |
| D | R. Sosiedad | — | Inter | 00:00 |

**3-nji oktýabr (sişenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| C | Union Berlin | — | Braga | 21:45 |
| D | RB Salsburg | — | R. Sosiedad | 21:45 |
| A | **M. Ýunaýted** | — | **Galatasaraý** | 00:00 |
| A | Kopengagen | — | Bawariýa | 00:00 |
| B | Lans | — | Arsenal | 00:00 |
| B | PSW | — | Sewilýa | 00:00 |
| C | **Napoli** | — | **Real Madrid** | 00:00 |
| D | **Inter** | — | **Benfika** | 00:00 |

**4-nji oktýabr (çarşenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| E | Atletiko M | — | Feýenoord | 21:45 |
| H | Antwerpen | — | Şahtýor D | 21:45 |
| E | Seltik | — | Lasio | 00:00 |
| F | **Borussiýa D** | — | **Milan** | 00:00 |
| F | Nýukasl | — | PSŽ | 00:00 |
| G | **Leipsig** | — | **Man. Siti** | 00:00 |
| G | S. Zwezda | — | Ýang Boýz | 00:00 |
| H | **Porto** | — | **Barselona** | 00:00 |

**24-nji oktýabr (sişenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| A | Galatasaraý | — | Bawariýa | 21:45 |
| D | Inter | — | RB Salsburg | 21:45 |
| A | M. Ýunaýted | — | Kopengagen | 00:00 |
| B | **Sewilýa** | — | **Arsenal** | 00:00 |
| B | Lans | — | PSW | 00:00 |
| C | Braga | — | Real Madrid | 00:00 |
| C | Union Berlin | — | Napoli | 00:00 |
| D | Benfika | — | R. Sosiedad | 00:00 |

**25-nji oktýabr (çarşenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| E | Feýenoord | — | Lasio | 21:45 |
| H | Barselona | — | Şahtýor D | 21:45 |
| E | Seltik | — | Atletiko M | 00:00 |
| F | **PSŽ** | — | **Milan** | 00:00 |
| F | Nýukasl | — | Borussiýa D | 00:00 |
| G | Leipsig | — | S. Zwezda | 00:00 |
| G | Ýang Boýz | — | Man. Siti | 00:00 |
| H | Antwerpen | — | Porto | 00:00 |

**7-nji noýabr (sişenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| F | Borussiýa D | — | Nýukasl | 22:45 |
| H | Şahtýor D | — | Barselona | 22:45 |
| E | Atletiko M | — | Seltik | 01:00 |
| E | Lasio | — | Feýenoord | 01:00 |
| F | **Milan** | — | **PSŽ** | 01:00 |
| G | Man. Siti | — | Ýang Boýz | 01:00 |
| G | S. Zwezda | — | Leipsig | 01:00 |
| H | Porto | — | Antwerpen | 01:00 |

**8-nji noýabr (çarşenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| C | Napoli | — | Union Berlin | 22:45 |
| D | R. Sosiedad | — | Benfika | 22:45 |
| A | **Bawariýa** | — | **Galatasaraý** | 01:00 |
| A | Kopengagen | — | M. Ýunaýted | 01:00 |
| B | **Arsenal** | — | **Sewilýa** | 01:00 |
| B | PSW | — | Lans | 01:00 |
| C | Real Madrid | — | Braga | 01:00 |
| D | RB Salsburg | — | Inter | 01:00 |

**28-nji noýabr (sişenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| E | Lasio | — | Seltik | 22:45 |
| H | Şahtýor D | — | Antwerpen | 22:45 |
| E | Feýenoord | — | Atletiko M | 01:00 |
| F | PSŽ | — | Nýukasl | 01:00 |
| F | **Milan** | — | **Borussiýa D** | 01:00 |
| G | **Man. Siti** | — | **Leipsig** | 01:00 |
| G | Ýang Boýz | — | S. Zwezda | 01:00 |
| H | **Barselona** | — | **Porto** | 01:00 |

**29-njy noýabr (çarşenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| A | **Galatasaraý** | — | **M. Ýunaýted** | 22:45 |
| B | Sewilýa | — | PSW | 22:45 |
| A | Bawariýa | — | Kopengagen | 01:00 |
| B | Arsenal | — | Lans | 01:00 |
| C | **Real Madrid** | — | **Napoli** | 01:00 |
| C | Braga | — | Union Berlin | 01:00 |
| D | **Benfika** | — | **Inter** | 01:00 |
| D | R. Sosiedad | — | RB Salsburg | 01:00 |

**12-nji dekabr (sişenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| B | Lans | — | Sewilýa | 22:45 |
| B | **PSW** | — | **Arsenal** | 22:45 |
| A | **M. Ýunaýted** | — | **Bawariýa** | 01:00 |
| A | Kopengagen | — | Galatasaraý | 01:00 |
| C | Napoli | — | Braga | 01:00 |
| C | Union Berlin | — | Real Madrid | 01:00 |
| D | Inter | — | R. Sosiedad | 01:00 |
| D | RB Salsburg | — | Benfika | 01:00 |

**13-nji dekabr (çarşenbe)**

| Toparça | Ýer eýesi | Hasap | Myhman | Wagty |
|---|---|---|---|---|
| G | Leipsig | — | Ýang Boýz | 22:45 |
| G | S. Zwezda | — | Man. Siti | 22:45 |
| E | Atletiko M | — | Lasio | 01:00 |
| E | Seltik | — | Feýenoord | 01:00 |
| F | **Borussiýa D** | — | **PSŽ** | 01:00 |
| F | **Nýukasl** | — | **Milan** | 01:00 |
| H | Porto | — | Şahtýor D | 01:00 |
| H | Antwerpen | — | Barselona | 01:00 |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri mälim edildi

Futbol äleminiň iň abraýly baýraklaryndan hasaplanýan «Altyn top» baýragynyň şu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. 30 futbolçydan ybarat bolan sanawda Lionel Messi,



Erling Holann, Kewin De Bruýne, Mohamed Salah, Karim Benzema ýaly ýyldyzlar bar. Şu ýylyň başyndan bäri karýerasyny Saud Arabystanynyň «Al Nassr» toparynda dowam etdirýän portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldo bolsa dalaşgär görkezilmedi. Ol soňky 20 ýylda ilkinji gezek sanawa alynmady. 38 ýaşyndaky oýunçy soňky gezek 2003-nji ýylda dalaşgärlige hödürlenmändi.

Sanawdaky 30 oýunçynyň 7-si «Mançester Sitiden» bolup, iňlis kluby bu ugurda öňde barýar. «Real Madrid» hem-de «Bawariýa» klublarynyň hem 3 futbolçysynyň adyna sanawda duş gelmek bolýar.

Baýragyň iň esasy dalaşgäri, gürrüňsiz, Katar 2022-de Argentinanyň ýygyndysynyň 36 ýyldan soň Dünýä Kubogyny gazanmagynda uly rol oýnan Lionel Messi hasaplanýar. «Mançester Sitiniň» ýyldyzlary – Erling Holann bilen Kewin de Bruýne hem beýleki dalaşgärler diýlip görkezilýär. «Ballon d'Or» baýragynyň ýeňijisi beýleki baýraklaryň ýeňijileri bilen bir hatarda, şu ýylyň 30-njy oktýabrynda mälim ediler. Şol gün zenan futbolçylaryň arasyndaky «Altyn top» baýragynyň, şol sanda iň ökde ýaş futbolça berilýän «Kopa Trophy» baýragynyň, iň ökde derwezeçä berilýän Ýaşin adyny göterýän baýragyň ýeňijileri hem sylaglanar.

**«Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri:**

- Ýoşko Gwardiol («Mançester Siti»), Ruben Diaş («Mançester Siti»), Erling Holann («Mançester Siti»), Ýassin Bunu («Al-Hilal»), Martin Edegor («Arsenal»), Hulian Alwares («Mançester Siti»), Ilkaý Gündogan («Barselona»), Winisius Junior («Real Madrid»), Mohamed Salah («Liwerpul»), Bukaýo Saka («Arsenal»), Kewin de Bruýne («Mançester Siti»), Jud Bellingam («Real Madrid»), Jamal Musiala («Bawariýa»), Andre Onana («Mançester Ýunaýted»), Karim Benzema («Al-Ittihad»), Randal Kolo-Muani (PSŽ), Bernardo Silwa («Mançester Siti»), Robert Lewandowski («Barselona»), Kim Min Çže («Bawariýa»), Hwiça Kwarasheliýa («Napoli»), Nikolo Barella («Inter»), Emiliano Martines («Aston Willa»), Rodri («Mançester Siti»), Antuan Grizmann («Atletiko»), Lionel Messi («Inter Maýami»), Lautaro Martines («Inter»), Luka Modriç («Real Madrid»), Wiktor Osimhen («Napoli»), Kilian Mbappe (PSŽ), Harri Keýn («Bawariýa»).

# UEFA-da ýylyň tapawutlananlary

**UEFA-da ýylyň futbolçysy diýlip «Mançester Sitiniň» norwegiýaly hüjümçisi Erling Holann saýlandy. Ol bu ugurda topardaşy Kewin de Bruýneden hem-de argentinaly Lionel Messiden köp ses almagy başardy. «Mançester Sitiniň» tälimçisi Pep Guardiola ýylyň erkek tälimçisi baýragy bilen sylaglandy. Ol bu ugurda italiýaly hünärmenler – Simona Inzagi hem-de Luçano Spallettiden öňe saýlandy.**



**UEFA-da ýylyň zenan futbolçysy baýragyna Ispaniýanyň hem-de «Barselonanyň» oýunçysy Aitana Bonmati laýyk görüldi. Şol sanda Angliýanyň zenanlar ýygyndysynyň tälimçisi Sarina Wigman ýylyň zenan tälimçisi diýlip saýlandy.**

# TRANSFER TÄZELIKLERI

- Ispaniýanyň «Barselona» kluby transfer möwsüminiň soňky gününde düzümine 2 portugal futbolçyny – atdaşlar Žoao Kanselo bilen Žoao Feliksi goşdy. Katalonlar «Mançester Sitiniň» portugaliýaly gapdal goragçysy Žoao Kanselony 1 ýyllygyna kärendesine transfer etdi. Geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Bawariýada» kärendesine geçiren 29 ýaşyndaky oýunçy karýerasy boýunça «Benfika», «Walensiýa», «Inter», «Ýuwentus», «Mançester Siti» klublarynda oýnady. Şeýle-de, «Barselona» topary portugaliýaly hüjümçi Žoao Feliksi hem düzümine goşdy. Geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Çelside» oýnan Feliks katalonlaryň düzüminde 1 ýyl kärendesine çykyş eder. Ol möwsümiň ahyrynda-da «Atletiko Madride» dolanar. 23 ýaşyndaky oýunçy «Atletikoda» oýnan 3,5 möwsüminde 131 oýunda 34 gol geçirdi.
- Angliýanyň «Mançester Ýunaýted» topary transfer möwsüminiň soňky gününde 3 oýunçyny transfer etdi. Mankunianlar Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparyndan 25 ýaşly derwezeçi Altaý Baýyndyry 5 million ýewro transfer edip, onuň bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Şeýle-de, iňlis kluby «Fiorentinadan» marokkoly ýarymgoragçy Sofýan Amrabaty hem-de «Tottenhamdan» ispaniýaly goragçy Serhio Regilony 1 ýyllyk kärendesine düzümine goşdy. 27 ýaşyndaky Amrabatyň kärende tölegi 10 million ýewro bolup, möwsümiň ahyrynda «Ýunaýted» ony 20+5 million ýewro ymykly transfer hem edip biler. «Mançester Ýunaýted» 26 ýaşyndaky Regilony hem möwsüminiň ahyrynda ymykly transfer etmek mümkinçiligine eýedir.
- Fransiýanyň çempiony PSŽ Germaniýanyň «Aýntraht» toparynyň fransiýaly ýyldyzy Randal Kolo-Muanini 95 million ýewro transfer etdi. PSŽ topary 24 ýaşyndaky hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Kolo-Muani täze klubunda 23-nji belgili köýnekçäni geýer. Kolo-Muani «Aýntrahtda» 50 oýunda 26 gol geçirdi. Şeýle-de, PSŽ topary «Liondan» 20 ýaşyndaky Bredli Barkolýany 45+5 million ýewro düzümine goşdy. Fransiýaly ýarymgoragçy parižliler bilen 5 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi.
- Italiýaly meşhur goragçy, 36 ýaşyndaky Leonardo Bonuççi karýerasyny «Bundesligada» dowam etdirer. Ýyldyz oýunçy erkin agent ýagdaýynda «Union Berlin» topary bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Bonuççi 2010-njy ýyldan bäri «Ýuwentusda» oýnap gelýärdi. Ol 13 ýyllyk döwürde diňe 1 möwsüm turinlileriň düzüminde oýnamady. 2017/18 möwsümini «Milanda» oýnan Bonuççi «Ýuwentusdan» öň «Inter», «Bari», «Pisa», «Trewiso» ýaly klublaryň köýnekçelerini hem geýdi.
- Italiýanyň «Milan» topary belgiýaly wingeri Aleksi Saelemakersi «Bolonýa», belgiýaly hüjümçisi Diwok Origini «Nottingam Foreste», senegally goragçysy Fode Ballo-Tureni «Fulhama», ýaş hüjümçisi Lorenzo Kolombony-da «Monza» toparyna kärendesine ugratdy. Şeýle-de, «Milan» kluby «Fiorentinadan» serbiýaly hüjümçi Luka Ýowiçi tölegsiz transfer etdi. 25 ýaşly hüjümçiniň şertnamasynyň möhleti 1 ýyl dowam eder.
- Saud Arabystanynyň «Al-Ittifak» topary PSŽ-niň niderland ýarymgoragçysy Jorjinio Weýnaldumy 8 million ýewro transfer etdi. Stiwen Jerrardyň tälim berýän kluby 32 ýaşyndaky oýunçy bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Geçen möwsümi «Romada» kärendesine geçiren Weýnaldum PSŽ-den öň «Liwerpul», «Nýukasl», PSW hem-de «Feýenoord» klublarynyň köýnekçelerini geýipdi.
- Ispaniýaly meşhur goragçy Serhio Ramos 18 ýyldan soň futbola başlan kluby «Sewilýa» dolandy. 37 ýaşyndaky oýunçy «Sewilýa» bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ramos mundan öň 2003-2005-nji ýyllar aralygynda «Sewilýada» oýnapdy. Ol «Sewilýadan» 1 million ýewro hak alar. 2005–2021-nji ýyllar aralygynda «Real Madridde» 16 möwsüm çykyş eden Ramos soňky 2 möwsümi-de PSŽ-de oýnady. Ramos karýerasy boýunça 135 goly derwezä girizdi.



- Saud Arabystanynyň «Al-Şabab» kluby «Atletiko Madrid» toparynyň 30 ýaşyndaky belgiýaly ýarymgoragçysy Ýannik Karrasko bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Er-Riýad şäheriniň kluby Karraskonyň transferi üçin madridlilere 15 million ýewro tölär. «Monakoda» futbola başlan Karrasko «Atletiko Madridde» jemi 265 oýunda 47 gol geçirdi.
- «Bundesliganyň» wise-çempiony «Borussiýa Dortmund» topary «Werder» toparynyň germaniýaly hüjümçisi Niklas Füllkrugy 13+2 million ýewro transfer edip, 30 ýaşyndaky oýunçy bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Geçen möwsümi «Bundesliganyň» iň netijeli hüjümçisi hökmünde tamamlan Füllkrug «Hannower», «Nürnberg» klublarynda-da oýnady.
- Ukrainaly hüjümçi Roman Ýaremçuk mundan soň karýerasyny Ispaniýanyň «Walensiýa» klubunda dowam etdirer. 27 ýaşyndaky hüjümçi ispan kluby bilen geljek ýylyň tomsuna çenli kärendesine şertnama baglaşdy. Geçen möwsüm «Benfika» toparyndan «Klub Brýugge» toparyna 16+3 million ýewro transfer bolan Ýaremçuk brýussellileriň düzüminde 31 oýunda 6 gol geçirdi.
- Angliýanyň «Liwerpul» topary «Bawariýanyň» niderland oýunçysy Raýan Grawenberk bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Iňlis kluby 21 ýaşyndaky oýunçynyň transferi üçin münhenlilere 40 million ýewro tölär. «Aýaksda» futbola başlan Grawenberk geçen möwsüm «Bawariýa» transfer bolup, bu klubda 34 oýunda meýdança çykypdy.
- «Barselona» toparynyň ýaş ýyldyzy Ansu Fati şu möwsümi «Premier Liganyň» «Braýton» toparynda kärendesine geçirier. Iňlis kluby 20 ýaşyndaky ýarymgoragçynyň aýlyk hakynyň 80 göterimini tölär. Fati möwsümiň ahyrynda-da «Barselona» toparyna dolanar. Fati katalonlaryň düzüminde umumylykda 112 oýunda 29 gezek tapawutlandy.
- Belgiýaly hüjümçi Romelu Lukaku karýerasyny bu möwsümde-de «Serie A»-da dowam etdirer. «Çelsi» topary 30 ýaşyndaky ýyldyz hüjümçini «Roma» toparyna 1 ýyllyk kärendesine ugratdy. Rimliler londonlylara Lukakunyň kärende tölegi hökmünde 9 million ýewro, oýunçynyň özüne-de 7 million ýewro tölär.
- «Premier Liganyň» wekillerinden «Nottingam Forest» topary «Çelsiden» Kallum Hadson-Odoiini 3+2 million funt sterlinge transfer etdi. Şertnamanyň möhleti 3 ýyl bolup, 22 ýaşyndaky ýarymgoragçy 14-nji belgili köýnekçäni geýer. Ol geçen möwsüm «Baýerde» kärendesine çykyş edipdi.
- Angliýanyň «Tottenham» topary ýurduň başga bir kluby «Nottingam Forestiň» uelsli ýarymgoragçysy Brennan Jonsony 47 million funt sterlinge transfer etdi. Londonlylar 22-nji belgide oýnajak futbolçy bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşdy.
- Çempionlar Ligasynyň çempiony «Mançester Siti» kluby «Premier Liganyň» başga bir topary «Wulwerhemptondan» 25 ýaşyndaky portugaliýaly Mateuş Nuneşi 53 million funt sterlinge düzümine goşdy. Şäherliler Nuneş bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdylar.
- «Premier Liganyň» «Çelsi» kluby «Mançester Sitiniň» 21 ýaşyndaky wingeri Koul Palmeri 40+5 million ýewro transfer etdi. Londonlylar angliýaly oýunçy bilen 7+1 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Palmer «Sitide» 41 oýunda 6 gol geçirdi.
- «Trendýol Süper Ligiň» soňky çempiony «Galatasaraý» topary «Tottenhamdan» 2 oýunçyny düzümine goşdy. Stambullylar 27 ýaşyndaky kolumbiýaly goragçy Dawinson Sançesi 9,5 million ýewro hem-de 26 ýaşyndaky fransiýaly ýarymgoragçy Tanguý Ndombeleni kärendesine transfer etdi. Türk kluby Sançes bilen 4+1 ýyllyk şertnama baglaşdy.
- Stambulyň başga bir kluby «Beşiktaş» topary-da «Mançester Ýunaýtedden» kot-d'iwuarly goragçy Erik Baýini transfer etdi. 29 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşylandygy habar berildi. Geçen möwsümi «Marselde» kärendesine geçiren Baýi 2016-njy ýylda «Wilýarrealdan» «Mançester Ýunaýtede» transfer bolupdy.


## TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

## Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ***Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;***
- ***Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;***
- ***Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;***
- ***Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.***

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**



Ygtyýarnama: 1-15-24-26

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň «Ykdysadyýet we biznes mekdebi» döwlet kärhanasy 2023/2024-nji okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar boýunça gysga möhletli okuwlara kabul edýändigini**

## YGLAN EDÝÄR

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý. |
| 2 | Iňlis dili | 4 aý. |
| 3 | Rus dili | 3 aý. |
| 4 | Nemes dili | 3 aý. |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý. |
| 6 | Matematika | 3 aý. |
| 7 | Suratkeş | 6 aý. |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý. |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 5 aý. |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý. |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý. |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý. |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý. |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý. |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý. |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý. |
| 17 | Tokar | 5 aý. |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý. |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý. |

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär.*

*Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*
*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*
*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*
*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*
*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993-12-28-18-50.**






DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY
Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.

